TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRI DÜNÝÄ DÖWLETLERI, ILKINJI NOBATDA, ÝAKYN GOŇŞULAR BILEN BIREK-BIREGE HORMAT GOÝMAGA ESASLANÝAN GATNAŞYKLARY ÖSDÜRMEKDEN YBARATDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
17-nji fewral, 2023. Belgisi 7/1521



# ÝANGYÇ-ENERGETIKA TOPLUMYNDA NETIJELI HYZMATDAŞLYK

**15-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň müdiriýetiniň başlygy Alekseý Milleri kabul etdi.**

Myhman döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirip, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Şunda Russiýa Federasiýasynyň iri energetika kompaniýasynyň Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýändigi tassyklanyldy.

Hormatly Prezidentimiz «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysyny mübärekläp, onuň ýurdumyza şu gezekki saparynyň ýangyç-energetika toplumyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna we umuman, köpugurly türkmen-rus gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de giňeldilmegine ýardam berjekdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasy bilen strategik hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtap, öz gezeginde Russiýanyň Prezidentine salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň dowamynda kökleri taryhyň jümmüşine uzap gidýän türkmen-rus gatnaşyklarynyň däp bolan dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk häsiýetine eýedigi bellenildi. Ýokary derejede geçirilýän yzygiderli duşuşyklaryň-dyr gepleşikleriň dowamynda gazanylan ylalaşyklar dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy depginli ösdürmek üçin berk binýat bolup durýar.

Häzirki wagtda bilelikdäki tagallalaryň netijesinde döwletara hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, ýangyç-energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişlidir. Bu ugurda uly mümkinçilikler bar we baý tejribe toplanyldy. Şunda «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Türkmenistanyň ozaldan gelýän hyzmatdaşydygy bellenildi. Köpýyllyk bilelikdäki işiň dowamynda hyzmatdaşlygyň ynanyşmaga we özara bähbitleri nazara almaga esaslanan netijeli görnüşi kemala getirildi.

Tebigy baýlyklaryň ägirt uly gorlaryna eýe bolan ýurdumyzyň ähli gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy okgunly ösdürmegi maksat edinýändigi nygtaldy. Şunda nebitgaz pudagynyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak, gazyp alýan we gaýtadan işleýän pudaklaryň netijeliligini ýokarlandyrmak, energiýa serişdeleriniň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, şeýle hem bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak ileri tutulýan ugurlardyr.

Döwlet Baştutanymyz bular barada aýtmak bilen, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, hyzmatdaşlygyň bar bolan kuwwatyny doly derejede durmuşa geçirmegiň çemeleşmeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de «Gazprom» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň müdiriýetiniň başlygy Alekseý Miller energetika ulgamynda uzak möhletleýin esasda ýola goýulýan hem-de anyk netijelere gönükdirilen türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.



## ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETI DURNUKLY ÖSÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde toplumlaýyn özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar, häzirki zaman düzümleri kemala gelýär, dürli maksatly täze binalardyr desgalar gurlup ulanmaga berilýär. Iri möçberli sebit we milli maýa goýum taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi buýsandyryjy ýagdaýdyr. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösýändigini tassyklaýar.

3

## TÜRKMEN - EMIRLIKLER GATNAŞYKLARYNDA TÄZE SAHYPA



Ýurdumyz özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny yzygiderli amala aşyrmak bilen, dünýäniň ähli döwletleri, şol sanda arap dünýäsiniň ýurtlary bilen deňhukukly hyzmatdaşlygy ösdürmegi maksat edinýär. Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Arap Emirlikleri bilen hyzmatdaşlygyň däp bolan dostlukly, netijeli häsiýetini bellemek gerek. Bu hyzmatdaşlyk soňky ýyllarda hil taýdan täze derejä çykaryldy we baýlaşdyryldy.

Türkmenistan bilen BAE-niň arasyndaky gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, abraýly sebit hem-de halkara guramalaryň çäklerinde depginli ösdürilýär.

3

# 2022-nji ýylyň iň gowy etrabyna baýrak gowşuryldy

**15-nji fewralda Magtymguly Pyragy muzeýinde 2022-nji ýylda ýurdumyzyň iň gowy etraby diýlip yglan edilen Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyna ýokary sylagy – ABŞ-nyň 1 million dollary möçberindäki pul baýragyny gowşurmak dabarasy boldy.**

Mälim bolşy ýaly, durmuş-ykdysady we medeni taýdan ähli görkezijileri boýunça iň ýokary netijeleri gazanmaga gönükdirilen bu bäsleşik ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek hem-de sebitlerde ilatyň ýaşaýyş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak boýunça maksatnamalary amala aşyrmak ugrunda alnyp barylýan işleri höweslendirmek maksady bilen her ýyl geçirilýär.

Dabaranyň köp sanly myhmanlaryny muzeýiň öňündäki meýdançada teatr artistleri, sungat ussatlary, döredijilik toparlary garşyladylar. Olaryň taýýarlan aýdymsazly çykyşlary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy. Şanly waka mynasybetli bu ýerde ak öýler gurnaldy, oba hojalyk önümleriniň, amaly-haşam sungaty eserleriniň, suratlaryň we kitaplaryň sergisi guraldy. Dabara Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň, welaýatyň hem-de etrabyň häkimlikleriniň ýolbaşçylary, Mejlisiň deputatlary, dürli edara-kärhanalardan önümçiligiň öňdebaryjylary, oba zähmetkeşleri, hormatly ýaşulular, kümüş saçly eneler, jemgyýetçiligiň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Geçen ýylyň başynda welaýatlaryň etraplarynyň we etrap hukukly şäherleriniň hem-de Aşgabat şäheriniň etraplarynyň arasynda yglan edilen bäsleşigiň netijeleri 10-njy fewralda Ministrler Kabinetiniň 2022-nji ýylda Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň jemlerine bagyşlanyp geçirilen giňişleýin mejlisinde yglan edildi.



Däp bolan bäsleşigiň netijelerini jemleýän ýörite topar Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça Milli maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi, galla we pagta öndürmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryň ýerine ýetirilişi, dürli maksatly desgalaryň gurluşygyny amala aşyrmak ýaly esasy ugurlar boýunça ýylyň dowamynda gazanylan görkezijilerden ugur aldy.

2

# Eýranyň ýöriteleşdirilen ykdysady sergisi

**15-17-nji fewralda paýtagtymyzdaky Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň Sergiler merkezinde Eýran Yslam Respublikasynyň ýöriteleşdirilen ykdysady sergisi geçirilýär.**

Eýranly önüm öndürijileriň sergisi iki goňşy ýurduň arasynda özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekdäki nobatdaky ädim bolup, geljegi uly birnäçe ugurlara täze itergi berdi. Bu sergi dostlukly ýurt bolan Eýranyň ylmy-senagat işläp taýýarlamalar we tehnologiýalar pudagyndaky iň täze gazanan üstünliklerini görkezmegiň oňat mümkinçiligi bolup, goňşy ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm ugurlaryny giňden beýan etdi.

Şu gezekki gözden geçirilişe gatnaşmak üçin düzüminde 70-e golaý eýran kompaniýalarynyň we firmalarynyň agzalary bolan uly wekiliýet Aşgabada geldi. Şolaryň hatarynda dürli ugurlarda netijeli gatnaşyk etmegiň köpýyllyk tejribesine eýe bolan Türkmenistanyň öňden gelýän hyzmatdaşlary, şeýle hem sergä ilkinji gezek gatnaşýan kompaniýalar bar. Bu sergi olara ýurdumyzda öz önümlerini görkezmäge, türkmen kärdeşleri bilen bilelikde iş alyp barmak üçin mümkinçilikleri öwrenmäge başlangyç meýdança boldy.

Eýranyň we Türkmenistanyň ulag ulgamynda giň mümkinçilikleri, infrastrukturanyň kuwwatlyklarynyň artmagy, demir ýol, awtomobil we deňiz ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň üstüniň ýetirilmegi üstaşyr ugurlaryň döredilmegine ýardam etdi. Eýran wekiliýetiniň ýolbaşçysy ikitaraplaýyn sebit gatnaşyklarynyň geljegi barada aýdyp, ýurtlarymyzyň ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda, aýratyn-da, üstaşyr geçirmek, energetika we söwda ulgamlaryn-



da hyzmatdaşlyk etmek üçin uly mümkinçiliklere eýedigini belledi. Şeýle ykdysady sergileriň geçirilmegi bolsa iki ýurduň döwlet we hususy ulgamlarynyň arasynda hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine ýardam berýär.

Köptaraply iri serginiň esasyny önümçilik tehnologiýasynda iň täze ylmy-tehniki gazananlary ulanýan EYR-nyň senagat kärhanalarynyň diwarlyklary düzüp, bu ýere gelenlerde uly gyzyklanma döretdi. Sergide keramiki kafelleri, otaglaryň diwarlaryny hem-de ýeri örtmäge niýetlenen önümleri öndüriji «Firoozeh Tile Co.» kompaniýasy, polietilen we polistirol öndürýän «Mazeroon foam knowledge-based Ghaem Co.» kompaniýasy önümlerini ilkinji gezek görkezdi.

2



## SAGLYGYM – BAŞ BAÝLYGYM

Eziz Diýarymyzda il saglygy ýurduň iň uly baýlygy hasaplanýar. Şonuň üçin ýurdumyzda raýatlaryň saglygyny goramak, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgesini berkitmek, häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk gelýän ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny kepillendirýän milli saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek ýaly möhüm wezipeleriň çözülmegine döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär we kabul edilen giň gerimli döwlet maksatnamalary üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa halkymyzyň saglygy barada döwletimiziň edýän aladasyndan nyşandyr.

3

### Agaçlar durmuşyň hilini ýokarlandyrýar



Häzirki wagtda uly şäherlerde agaç ekmek ileri tutulýan maksatnamalaryň biridir. «Forestami» maksatnamasyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli Milanda 3 million agaç ekmek maksat edinilýär.

4

### Saçak başynda oturyp naharlanmagyň ähmiýeti



Saçak başynda oturyp naharlanmak Gündogar medeniýetiniň bir bölegi bolup, halkyýetleriň arasynda asyrlarboýy dowam edip gelýär. Hatda bu ýörelge käbir halkyň milli däbine hem öwrülipdir.

5

### UEFA Çempionlar Ligasyna badalga berildi



UEFA Çempionlar Ligasynda 3,5 aý arakesmeden soň 1/8 finalyň duşuşyklaryna badalga berildi. 1/8 finalyň ilkinji 4 duşuşygy oýnalyp, 2 oýunda myhmanlar, 2 oýunda-da ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi.

7

### 70 ýyldan bäri sahnadan düşmän gelýän oýun



Teatr diýlende, ilkinji bolup dünýädäki iki merkez – Nýu Ýorkdaky «Broadway» bilen Londondaky «West End» ýadyňa düşýär. Bu iki ýer hemişe biri-biri bilen birnäçe ugurda deňeşdirilýär.

8

## Aýdym-saz hukuklary satylar

Pop aýdymynyň şasy Maýkl Jeksonyň aýdym-saz hukuklarynyň ýarysynyň satyljakdygy mälim edildi. Bu satuwyň bahasynyň 800-900 million dollar aralygynda bolmagyna garaşylýar. Bellenilişine görä, «Sony» we onuň geljekki maliýe hyzmatdaşynyň arasynda Jeksonyň neşir, ýazgy arkaly satylýan aýdym-saz girdejileri, «MJ: The Musical» atly Brodweý çykyşy we ýakynda çykmagyna garaşylýan biografik filmiň paýnamalarynyň ýarysyny almak üçin gepleşik geçiriler. Häzirki wagtda «Primary Wave Music» kompaniýasynyň Jeksonyň neşirýat katalogynda paýnamasy bar.



Mundan ozal «Sony» kompaniýasy amerikan aýdymçysy Brýus Springstiniň neşirýat we ýazgyly aýdym-saz kataloglaryny 600 million dollara satyn alypdy.

Jeksonyň ýazgyly aýdym katalogy iň girdejili kataloglaryň biri hasaplanýar. 1982-nji ýylda Jeksonyň «Thriller» albomy iň köp satylan ikinji albom bolupdy.

**Şeker KULIÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň mugallymy.*

## Kosmosa gitjek ilkinji astronawty belli boldy

Soňky ýyllarda Saud Arabystanynda kosmosa degişli dürli taslamalar durmuşa geçirilýär. Şu ýylyň dowamynda ýurt birnäçe kosmos taslamasyny amala aşyrmagy meýilleşdirýär. Olaryň arasynda adamly kosmos maksatnamasy hem bar. Ýurt geljek aýlarda ilkinji zenan astronawt Raýana Barnawiniň kosmosa uçuryljakdygyny mälim etdi. Ýylyň ikinji çärýeginde «SpaceX» kompaniýasynyň raketasy bilen saud arabystanly astronawtlar Raýana Barnawi hem-de Ali Al-Karni kosmosa iberiler. «Dragon» gämisi arkaly Halkara kosmos bekedine barjak astronawtlar ol ýerde birnäçe ylmy işleri geçirmäge gatnaşarlar.



Saud Arabystanynyň Kosmos edarasy geçen ýylyň sentýabrynda «Görnüş 2030» maksatnamasynyň çäklerinde kosmos maksatnamasyny ýola goýandyklaryny mälim edipdi. Bu maksatnama bilen kosmos senagaty pudagyndan peýdalanmagy we bu ugurdaky barlaglara goşant goşmagy meýilleşdirilýändigi mälim edilipdir.

**Muhammetaly BERDILIÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Robot taksi synagdan geçirilýär

«Amazon» kompaniýasyna degişli bolan «Zoox» özbaşdak hereket edýän täze ulagyny synagdan geçirip başlady. Taksiçilik etmek maksady bilen ulanyljak ulag ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda adaty ýollarda synagdan geçirilýär. Ulag diňe hepdäniň ahyrynda, gündizine we howanyň gowy wagty adaty ýol hereketinde barlanyp görülýär.



Bu taksileriň, ilkinji nobatda, ABŞ-da ulanyşa goýberilmegine garaşylýar. Synag şowly tamamlanan ýagdaýynda ulanylýan çäginiň giňeldilmegi göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, «General Motors» kompaniýasynyň hyzmatdaşy bolan «Cruise» hem özbaşdak hereket edýän ulagy işläp taýýarlaýar. «Origins» atly bu ulagyň ýylyň ahyrynda köpçülikleýin önümçiligine başlanmagyna garaşylýar.

**Merdan SEÝIDOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# EÝRANYŇ ÝÖRITELEŞDIRILEN YKDYSADY SERGISI



Başlangyjy 1-nji sahypada.

«Palmiran Co.» kompaniýasynyň diwarlygy hem bu çärede ilkinji gezek gurnalyp, türkmen paýtagtyndaky sergide bu ýere gelenleri önümleriniň köpdürlüligi bilen haýran galdyrdy.

Sergi meýdançasynyň bir bölegini gurluşyk senagatynda, ýyladyjy we sowadyjy ulgamlar üçin senagat enjamlarynyň önümçiliginde, guşçulyk we maldarçylyk toplumlarynda, azyk pudagynyň, ýyladyşhana hojalyklarynyň kärhanalarynda işleýän iri firmalar eýeleýär. Köp sanly bölümlerde nebitgaz, elektroenergetika, ýol-ulag pudaklary, himiýa senagaty, suw we oba hojalygy üçin enjamlaryň hem-de tehnikalaryň nusgalary, şekil taslamalary ýerleşdirildi. Şolaryň hatarynda «Jam Petrochemical Company», «Kimiagaran Emrooz Chemical Industries Co.», «Persian Gulf Petrochemical Industry Commercial Co.» we beýlekiler bar.

Eýranyň «Iran Khodro», şeýle hem «Tavan Energy Resources Development» konsorsiumynyň iri öndürijileri awtomobil gurluşygy ulgamynyň kuwwatlyklaryny görkezýärler. «Adrian Shimi Arvand Co.», «Aria Baron», «Arman Sazeh Alamot», «Azar Rokesh» kompaniýalarynyň diwarlyklary serginiň esasy bölegini eýeledi. Olarda bezeg, gurluşyk serişdeleri, dürli beýleki önümler görkezildi.

Sergä gelýänler Eýranyň dokma önümleri we azyk harytlary bilen hem tanşyp bilerler. Hil we ekologiýa howpsuzlygynyň halkara ölçeglerine laýyk gelýän enjamlaryň hem-de önümleriň köpüsi türkmen bazarynda ýokary öndürijiligi, tygşytlylygy, giň görnüşliligi bilen tapawutlanýar. Tok paýlaýjylary, ýşyklandyryjylary, elektrik enjamlary öndürýän «Bafeh Sim Golestan», «Hesam Sanat Shargh» kompaniýalary öz önümlerini görkezdiler.

«Razavi Hospital» kompaniýasy lukmançylyk ulgamynda hyzmatlaryny hödürleýär. «Goldaneh Sahra», «Kianshargh» kompaniýalarynyň sergi bölümleri bu ýere gelýän myhmanlarda aýratyn gyzyklanma döretdi. Olar guşlar we mallar üçin iým önümçiligi bilen meşgullanýarlar.

Şeýle hem sergide iki ýurduň işewür toparlarynyň arasynda ýakyn gatnaşyklary ýola goýmak üçin şertleriň döredilmegine uly goşandyny goşýan «Saderat Iran» bankynyň Türkmenistandaky wekilhanasy diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy.

Serginiň işiniň üç gününiň dowamynda ykdysady gözden geçirilişe gelýän köp sanly adamlar onuň bilen giňişleýin tanyşmaga, özara bähbitler esasynda geljekki meýilnamalary hem-de işewürlik başlangyçlaryny kesgitlemäge mümkinçilik alýarlar.

# 2022-nji ÝYLYŇ IŇ GOWY ETRABYNA BAÝRAK GOWŞURYLDY





Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýeňijini kesgitlemekde durmuş ugurly meseleleriň çözülişine, şol sanda iş orunlary bilen üpjün etmek, medeni dynç alşy guramak, ekologiýa abadançylygyny goramak, hemmetaraplaýyn bilimli, beden we ruhy taýdan sagdyn ýaş nesli terbiýelemek, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek meselelerine uly ähmiýet berildi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň häkimligini ABŞ-nyň 1 million dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglamak hakynda Buýruga gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiziň iň gowy diýlip yglan edilen etrabyň ilatyna iberen Gutlagynda: «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge ýurdumyzyň ähli welaýatlary hem-de Aşgabat şäheri mynasyp goşant goşýar» diýlip bellenilýär. Bu babatda Magtymguly etrabynyň görkezijileri nusgalykdyr. Bu ýerde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» hem-de Oba milli maksatnamasyna laýyklykda, täze önümçilikleri döretmek we ozal hereket edýänleriniň durkuny täzelemek, senagat, durmuş maksatly desgalary gurmak boýunça köpugurly işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!» diýen şygaryň üstünliklere beslenýändiginiň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr.

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna uly taýýarlyk görülýän günlerde türkmen halkynyň meşhur şahsyýetiniň dogduk mekanynyň şeýle abraýly derejä eýe bolmagy aýratyn guwandyryjydyr.

Ýygnananlar Magtymguly etrabynyň ähli ilatynyň adyndan hormatly Prezidentimiziň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda Garaşsyz Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösüşine etrabyň zähmetkeşleriniň goşan goşandyna ýokary baha berlendigi, halkymyzyň abadançylygyny ýokarlandyrmak ugrunda ýadawsyz aladasy hem-de sebitlerde häzirki zaman durmuş-ykdysady düzümlerini kemala getirmek işlerine ägirt uly üns berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk beýan edilýär. Dabara tamamlanandan soňra baýramçylyk konserti boldy.

# Ýurdumyzyň diplomatik gullugy daşary syýasatymyzyň giňeldilmegine işjeň gatnaşýar

Ýurdumyzda her ýylyň 18-nji fewralynda diplomatik işgärleriniň güni bellenip geçilýär. Dünýäniň dürli ýurtlary bilen ýakyn gatnaşyklaryň, parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň nyşanyny alamatlandyrýan Bitaraplyk derejämizden gözbaş alyp, ýurdumyz bitaraplyk we parahatçylyk ýörelgelerine berk eýermek esasynda, 150-den gowrak döwlet bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýar we 50-ä golaý iri halkara guramasyna agza bolup durýar. Biziň diplomatik wekilhanalarymyz bu gün Aziýanyň, Ýewropanyň, Amerikanyň we beýleki iri sebitleriň onlarça ýurdunda işlemek bilen, ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek we milli bähbitlerimizi üpjün etmek üçin öz wezipelerini ýerine ýetirýärler.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we wekilhanalarynyň işiniň gerimini giňeltmek, ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Diplomat – munuň özi döwletiň daşary işler edarasynyň, şol sanda onuň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň öz Watanynyň bähbitlerine gowy düşünýän we olara uly mertebe, çuňňur bilimlilik we içki ynamlylyk bilen üpjün etmäge ukyply resmi wezipeli adamydyr, daşary işler ministrliginiň wekilidir.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi 3 departamentden, 19 bölümden, şeýle hem welaýatlardaky bäş sany wekilhanadan ybarat bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä döwletleriniň 151-si bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy. Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň 41-si hereket edýär. Türkmenistanda 30 sany ilçihana, 4 sany konsullyk, daşary ýurt döwletleriniň 2 sany diplomatik wekilhanasy we halkara guramalarynyň 14 sany wekilhanasy akkreditirlenen.

Türkmenistan halkara konwensiýalaryň we şertnamalaryň 177-sine gatnaşyjy bolup durýar we abraýly halkara guramalar bilen gatnaşyklary ösdürmekde degişli işleri alyp barýar. Ýurdumyz 50 sany halkara guramasynyň agzasy bolup, şolaryň hatarynda Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulmazlyk Hereketi we beýlekiler bar.



Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu hyzmatdaşlyk adamzadyň ösüşini we öňegidişligini üpjün etmäge, adamlaryň ýaşaýyş derejesini we maddy üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, bütindünýä ykdysady we durmuş ösüşi üçin amatly şertleri döretmäge, adamlaryň döredijilik başarnygynyň ýokary derejede açylmagyna, olaryň esasy hukuklarynyň we erkinlikleriniň höweslendirilmegine gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda işlenip taýýarlanylan we kabul edilen «Türkmenistanyň Daşary syýasat ugrunyň 2017-2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistan daşary syýasat işinde dünýäniň ähli döwletleri bilen özara bähbitli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň ilerledilmegine möhüm ähmiýet berýär we halkara gatnaşyklary ulgamynda ýüze çykýan dartgynly ýagdaýlaryň çözülmeginde diňe syýasy-diplomatik gurallaryň ulanylmagynyň tarapdary bolup çykyş edýär.

Bu günki gün Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň we oňa esaslanan daşary syýasatynyň binýadynyň mizemezdigini, onuň dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmekde, hoşniýetli hyzmatdaşlygy alyp barmak üçin zerur bolan şertleri goldamakda täsirli ornunyň we ähmiýetiniň mundan beýläk hem artjakdygyny uly ynam we buýsanç bilen aýdyp bileris. Hormatly Prezidentimiziň öňde goýýan belent wezipeleri diplomatik işgärleriniň bu jogapkärli işlerinde esasy borç hem ynam bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni uly ruhubelentlik hem-de döwre mahsus öwüşginde bellenilýär. Şu pursatda ýurdumyzyň ähli diplomatik işgärlerini hünär baýramçylyklary bilen tüýs ýürekden gutlaýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolmagyny arzuw edýäris.

**Selbi HALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň maliýe bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Adaty ýangyçly ulaglar gadagan edildi

Ýewropa Bileleşigi ýurtlarynda 2035-nji ýyldan başlap, benzinli we dizel ýangyçly täze ulaglaryň satylmagy gadagan edildi. Ýewropa Parlamenti bu baradaky teklibi goldady. Fransiýanyň Strasburg şäherinde geçirilen Ýewropa Parlamentiniň Baş Assambleýasynyň ýygnagynda awtoulaglara we ýeňil täjirçilik ulaglaryna giriziljek täze standartlar baradaky teklip hödürlendi. Sebit ýurtlarynda howanyň hapalanmagynyň öňüni almak üçin durmuşa geçirilýän maksatnamanyň çäklerinde taýýarlanan kanuna 340 deputat oňyn, 279 deputat garşy ses berdi. 21 deputat ses bermekden saklandy.



Täze kanunda awtoulag öndürijiler üçin hem standartlar göz öňünde tutulýar. Şoňa görä, awtoulag öndürijiler 2035-nji ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary 100 göterim azaltmaly bolarlar. Şondan soňra bileleşige agza ýurtlarda benzin we dizel ýangyjy bilen işleýän awtoulaglaryň satuwy gadagan ediler.

Şeýle hem ýük ulaglary we awtobus ýaly ulag serişdeleri 2040-njy ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary 90 göterim azaltmaly bolar. Bu görkeziji 2030-njy ýyla çenli 45 göterim, 2035-nji ýyla çenli 65 göterim azaldylar. Şäherlerde hereket edýän awtoulaglar bolsa, 2030-njy ýyldan başlap, nol emissiýaly bolar.

**Şöhrat BÄŞIMOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Täzelenýän energiýanyň paýy artdy



Geçen ýyl Hytaýda täzelenýän energiýa önümçilik kuwwatynyň 152 gigawat artandygy mälim edildi. Ýurduň milli energiýa edarasynyň gaýtadan dikeldilýän energiýa maýa goýumlary baradaky beýanatyna görä, ýel we Günden energiýa alýan beketleriň önümçilik kuwwatynda soňky üç ýylda yzly-yzyna 100 gigawatdan gowrak ösüş gazanylypdyr.

2022-nji ýylda güýje girizilen energiýa beketleriniň umumy önümçilik kuwwaty 152,2 gigawat bolupdyr. Bu ösüş ýel energiýasynda 37,6 gigawat, Gün energiýasynda 87,4 göterim, bioýangyçda 3,4 we gidroelektrikde 23,8 GW bolupdyr. Şeýlelikde, ýurtda gaýtadan dikeldilýän energiýa önümçiligi 1213 gigawata ýetipdir. Bu görkezijiniň umumy energiýadaky paýynyň 47,3 göterime gabat gelýändigi bellenildi.

Mundan başga-da, geçen ýyl hyzmata hödürlenen energiýa beketleriniň önümçilik kuwwaty hasaba alnanda 76,2 göterimini arassa çeşmeler emele getiripdir. Häzirki wagtda elektrik energiýasynyň önümçiliginde kömür beketleriniň paýy ýokary bolmagynda galýar.

**Aksoltan HOJADURDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Tebigy gaz önümçiligi artar

2050-nji ýyla çenli Afrikada tebigy gaz önümçiligi görnetin artyp, dünýäde ikinji orna çykjakdygy mälim edildi. Gaz eksport edýän ýurtlar forumynyň (GECF) taýýarlan maglumatyna görä, häzirki wagtda yklym dünýäde sarp edilýän gazyň 6 göterimini üpjün edýär. 2050-nji ýyla çenli bu görkeziji 11 göterime ýeter. Yklymyň ýurtlary 2021-nji ýylda 260 milliard kubmetr tebigy gaz öndüripdir. Täze ýataklaryň tapylmagy we özleşdirilmegi bilen bu görkeziji 585 milliard kubmetre ýeter. Şeýlelikde, Afrikanyň önümçilik kuwwaty Ýakyn Gündogar ýurtlaryndan soňra ikinji orna çykar. Maglumat Alžir, Müsür, Ekwator Gwineýasy, Liwiýa, Nigeriýa, Angola we Mozambik döwletleriniň gaz gorlary hasaba alnyp taýýarlandy. Şeýle hem maglumatda yklymyň ilatynyň 2050-nji ýyla çenli 2,5 milliarda ýetjekdigi mälim edildi.



**Döwlet ŞAMYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Syýahatçylyk pudagy güýçli depginde ösýär

Pandemiýa çäklendirmeleriniň ýatyrylmagy netijesinde syýahatçylyk pudagy güýçli depginde ösüp ozalky ýagdaýyna gaýdyp gelýär. Soňky maglumatlara görä, Ýewropanyň bäş sany iri syýahatçylyk merkezinde dikelişiň ýokarydygy mälim edildi. Bütindünýä Syýahat we jahankeşdeçilik geňeşi (WTTC) tarapyndan taýýarlanan maglumatda, syýahatçylyk pudagynyň 2019-njy ýylda London, Pariž, Berlin, Rim we Madrid şäherleriniň ykdysadyýetine 83,5 milliard dollardan gowrak goşant goşandygy, 2022-nji ýylda bu görkezijiniň 71 milliard dollar bolup, pandemiýadan ozalky ýagdaýdan bary-ýogy 15 göterim pes bolandygy mälim edildi.



Maglumata görä, bu şäherleriň arasynda Pariž has öňe saýlanypdyr. Fransiýanyň paýtagty 2019-njy ýylda bu pudakdan 38 milliard dollar girdeji gazanan bolsa, geçen ýyl ondan 6 göterim az – 35,7 milliard dollar girdeji gazanypdyr. Geçen ýyl London syýahatçylykdan 15 milliard, Berlin 7,7 milliard dollar gazanypdyr.

Geňeşiň ýolbaşçysy Juliýa Simpson jahankeşdeleriň bu şäherlere gaýtadan gidip başlandygyny, iş maksatly syýahatlaryň durnukly ösýändigini belleýär. Onuň sözlerine görä, Hytaýda çäklendirmeleriň ýatyrylmagy hem Ýewropa şäherlerine bolan syýahatlary artdyrypdyr. Simpson syýahatçylaryň ykdysadyýete we iş orunlarynyň döredilmegine goşant goşýandygyny belleýär.

Geňeş pandemiýadan ozal bu şäherlerde syýahatçylyk pudagynda 976 müňden gowrak iş ornunyň bardygyny belleýär.

**Miwe ÇARYÝEWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 17-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111103
Belgisi: 7/1521
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMEN-EMIRLIKLER GATNAŞYKLARYNDA TÄZE SAHYPA

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Munuň şeýle bolmagyna türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyna mahsus ynanyşykly, özara hormat goýmak esasyndaky ýokary derejedäki dialog ýardam berýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Arap Emirliklerine şu gezekki sapary we ýokary derejedäki nobatdaky gepleşikleri döwletara gatnaşyklaryň taryhynda



täze, möhüm sahypany açmaga gönükdirilendir.

Saparyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, hajy Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan hem-de Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşyklar geçirdi.

Gepleşikler wagtynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk meseleleriniň tutuş toplumy, şeýle-de energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça pikir alyşmalar boldy. Türkmenistan we Birleşen Arap Emirlikleri tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna eýe bolan, geografik taýdan amatly ýerleşen, depginli ösýän döwletlerdir.

Ýangyç-energetika ulgamy häzirki günde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadyr. Bu ugurda ägirt uly kuwwata eýe bolan Türkmenistan tebigy gazy eksport ediji döwletleriň biridir. Şeýle hem ýurdumyzyň gazhimiýa senagaty ösdürilýär, onuň öndürýän önümleriniň giň görnüşi halkara bazarlara çykarylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz BAE-niň öňdebaryjy energetika kompaniýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyga taýýardyr. Taraplar Birleşen Arap Emirlikleriniň iri nebitgaz kompaniýalarynyň Türkmenistandaky ägirt uly «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyrlaryny özleşdirmäge işjeň gatnaşmaklary barada ylalaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, taraplar saparyň barşynda «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Abu-Dabiniň Milli nebit kompaniýasynyň (ADNOC) arasynda energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegini goldadylar.

Ulag-logistika ulgamy hem hyzmatdaşlygyň strategik ugurlarynyň biridir. Bu ugurda iki ýurduň port düzümlerini ulanmak arkaly utgaşdyrylan ulag geçelgelerini döretmek boýunça taslamalary amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikler bar.

Şeýle hem bu sapar iki ýurduň arasynda syýahatçylyk ulgamynda hem hyzmatdaşlyk etmäge giň mümkinçilikler döreder. Çünki Gahryman Arkadagymyz saparynyň dowamynda Pars aýlagynyň kenarynda gezelenç etdi we bu ýeriň syýahatçylyk mümkinçilikleri bilen tanyşdy.

Gahryman Arkadagymyz Birleşen Arap Emirliklerinde çöl ýerlerinde, aýlagyň kenarynda düýeli gezelençleriň guralmagyna aýratyn üns berilýändigini nazarda tutup, bu ýerde düýeli gezelençleri guraýan düzümiň hünärmenleri bilen gürrüňdeş bolup, biziň ýurdumyzda hem düýedarçylygyň ösdürilmegine üns berilýändigini, «Düýe maly – dünýe maly» diýen paýhasly jümläni döreden halkymyzyň asyrlaryň dowamynda düýelere aýratyn gadyr goýýandygyny belledi.

Umuman, hormatly Arkadagymyz Birleşen Arap Emirlikleriniň syýahatçylygy ösdürmek boýunça toplan tejribesini öwrenmegiň ähmiýetli boljakdygyny belledi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda syýahatçylyk-şypahana ugry boýunça täzeçil tehnologiýalaryň, dünýäniň ösen tejribesiniň işjeň ulanylmagynyň bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagyny üpjün etjekdigini belledi.

Mahlasy, türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan meseleleri boýunça pikir alyşmagyň barşynda geçirilen ýokary derejedäki gepleşikleriň dowamynda gazanylan ylalaşyklar netijeli hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin esasda mundan beýläk-de ösdürmek, bilelikdäki täze taslamalary amala aşyrmak üçin ygtybarly binýady goýýar.

**Röwşen SAPARGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# SAGLYGYM – BAŞ BAÝLYGYM

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Bular barada giňişleýin durlup geçilmek bilen, 10-njy fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Halkara pediatriýa merkezini, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezini hem-de Stomatologiýa merkezini gurmak hakynda Kararlara gol çekildi.

Dünýä ölçeglerine laýyk gelýän öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen döwrebap saglygy goraýyş binalaryny gurmagy dowam etdirmek bu ulgamyň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Hut şu jähetden, hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine paýtagtymyz Aşgabat şäherinde 160 orunlyk Halkara pediatriýa, 500 orunlyk Halkara onkologiýa ylmy-kliniki, şeýle hem Stomatologiýa merkezlerini gurmak üçin şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

Bu taslamalary düzmek, olary döwrebap lukmançylyk enjamlary, ätiýaçlyk şaýlary we sarp ediş serişdeleri bilen üpjün etmek, hünärmenleri ýörite taýýarlamak, ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp gurmak işlerini «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret A.Ş.» türk kompaniýasy durmuşa geçirer. Kompaniýa merkezler üçin elektrik, aragatnaşyk, gaz, suw üpjünçiliginiň, lagymyň meýdançadan daşarky eltiji inženerçilik ulgamlarynyň, desgalarynyň durkuny täzelemek ýa-da täzelerini gurmak we olary umumyşäher ulgamyna birikdirmek işlerini hem ýerine ýetirer. Merkezleriň gurluşyk işlerine 2023-nji ýylyň mart aýynda başlanylyp, Halkara pediatriýa we Stomatologiýa merkezleri 2026-njy ýylyň fewral aýynda, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezi bolsa 2026-njy ýylyň awgust aýynda ulanmaga doly taýýar edilip tabşyrylar.

Mälim bolşy ýaly, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça Milli maksatnamasynyň» çäklerinde 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna



çenli ýurdumyzda 74 hassahana, 148 sany saglyk öýi guruldy. Häzirki wagtda-da Diýarymyzyň dürli künjeklerinde we paýtagtymyzda saglygy goraýyş maksatly desgalaryň ençemesiniň gurluşygy güýçli depginde dowam etdirilýär. Bularyň ählisi adam maýasyny ösdürmek, döwletiň netijeli durmuş syýasatyny alyp barmak, ylma, bilime, medeniýete, sporta we dynç alşa, durmuş goraglylygyna, saglygy goraýşa gönükdirilýän býujet serişdeleriniň möçberini artdyrmak boýunça ýola goýlan işleriň oňyn netijesi bolup çykyş edýär. Şu ýyl üçin Döwlet býujetinden durmuş we jemgyýetçilik hyzmatlaryna goýberiljek serişdeleriň 14,1 göteriminiň saglygy goraýşa gönükdirilmegi ýurdumyzyň durmuş strategiýasynda adam maýasyny ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini aýdyň görkezýär.

**Öwezmyrat ÖWEZMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ÝURDUMYZYŇ YKDYSADYÝETI DURNUKLY ÖSÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hormatly Prezidentimiziň 10-njy fewralda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde 2022-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi, resminamalaryň birnäçesiniň taslamalaryna hem-de döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine garaldy.

Bu taryhy mejlisde ýurdumyzy has-da ösdürmek hem-de täze üstünliklere ýetirmek ugrunda kabul edilen möhüm resminamalar öz beýanyny tapdy. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda



durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen esasy maksatlarymyza ýetmek ugrunda birnäçe möhüm resminamalara gol çekdi. Olaryň hatarynda 2023-nji ýylda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny hem-de 2023-nji ýyl üçin maýa goýum Maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky resminamalar bar.

2023-nji ýylda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, şu ýylda jemi içerki önümiň ösüş depginini 6,5 göterime ýetirmek, milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny we ýurdumyzyň sebitlerini durnukly ösdürmek, önümçilik kärhanalarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmak, täze kärhanalary gurmagyň hasabyna 3 müňe golaý täze iş ornuny döretmek göz öňünde tutulýar. Daşary söwda dolanyşygynyň möçberini 19,4 milliard amerikan dollaryna ýetirmek meýilleşdirilýär. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek göz öňünde tutulýar. Jemi içerki önümiň düzüminde (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) hususy pudagyň paýyny 71,3 göterime ýetirmek göz öňünde tutulýar.

2023-nji ýyl üçin maýa goýum Maksatnamasyna laýyklykda, milli ykdysadyýetimizi maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlaryň möçberiniň 37,4 milliard manada deň bolmagyna garaşylýar. Önümçilik desgalarynyň gurluşygyna 20 milliard 800 million manat maýa goýumy gönükdirmek meýilleşdirilýär. Durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyna 16 milliard 600 million manat möçberde düýpli maýa goýumlary gönükdirmek bellenilýär. Şu ýyl maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna 1 million 58,5 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlary ulanmaga berler. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň maýa goýum Maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlarda we paýtagtymyzda ençeme desgalaryň, binalaryň gurluşygyna badalga berler.

Täze taryhy döwürde döwlet maýa goýum syýasaty yzygiderli ösüşlere eýe bolýar. Ykdysadyýetiň pudaklaryna maýa goýumlaryň çekilmegi halk hojalygyna bazar gurallaryny yzygiderli ornaşdyrmaga, her bir ulgamda okgunly ösüşleri gazanmaga mümkinçilik berýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan maýa goýum syýasaty milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak ýaly asylly maksatlary özünde jemleýär. Önümçilik, durmuş maksatly ugurlara gönükdirilýän maýa goýumlar milli we halkara derejede iri taslamalary amala aşyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Durmuş ugurly ykdysady syýasata laýyklykda, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeleriň, gazanylýan oňyn netijeleriň ählisi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň geljekki ösüşlere we halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga tarap ýolda ynamly öňe barýandygyna şaýatlyk edýär.

Senagat pudaklarynda önümçiligiň möçberlerini artdyrmak, kuwwatlyklary netijeli ulanmak, söwda we hyzmatlar ulgamynda işleriň gerimini giňeltmek boýunça zerur işleri geçirmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň hatarynda bellenildi. Eksport edilýän harytlaryň mukdaryny köpeltmek bilen, daşary söwda dolanyşygyny hem oňyn derejede üpjün etmek wajypdyr.

**Bilbil SEÝITGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# ÝÜPEKÇILIK – GADYMY SENET

Häzirki wagtda ýurdumyzyň dokma senagaty pudagyny yzygiderli ösdürmek we bu pudagy goldamak boýunça toplumlaýyn çäreleriň yzygiderli alnyp barylmagy netijesinde ýüpekçiligi ösdürmek üçin gerek bolan ähli zerur şertler döredilýär.

Şu ýyl ýurdumyzda dokma senagaty üçin gymmatly çig malyň öndürilmegini göz öňünde tutýan Karara Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde gol çekildi.

Bu resminamada ýüpekçilik pudagyny ösdürmek, öndürilýän piläniň möçberini artdyrmak we hilini ýokarlandyrmak ýaly meseleleri üstünlikli çözmek üçin, Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligine, şeýle hem welaýat häkimliklerine 2023-nji ýylda 2300 tonna, şol sanda, Ahal welaýatynda – 300 tonna, Balkan welaýatynda – 50 tonna, Daşoguz welaýatynda – 500 tonna, Lebap welaýatynda – 1010 tonna, Mary welaýatynda – 440 tonna pile öndürilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Ministrlige pile öndürmek barada welaýat häkimlikleri bilen umumy şertnamalary baglaşmak, şeýle hem daýhan birleşiklerini, oba hojalyk kärhanalaryny, daýhan hojalyklaryny, kärendeçileri we ýer eýelerini ýüpek gurçugynyň ýokary hilli tohumy bilen zerur mukdarda üpjün etmek tabşyryldy.

Aşgabadyň ýüpek fabrigi, Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşigi we Ruhabadyň panbarhat fabrigi Türkmenistanda öndürilen çig ýüpegi gaýtadan işlemek we dürli ýüpek önümlerini öndürmekde esasy kärhanalardyr. Ähli önümçilik desgalary döwrebaplaşdyrylyp, ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen abzallaşdyrylandyr. Türkmenistanda öndürilýän ýokary hilli ýüpek ýüplüklerden ajaýyp halylar, matalar, şol sanda keteni, ýaglyk, gyňaç we dürli örtük esbaplary öndürilýär.

Ata-babalarymyz müňlerçe ýyl mundan ozal ýüpek süýümlerinden dürli matalary dokamak üçin pile önümçiligini ýola goýupdyrlar. Ýüpekçilik işiniň milli däpleri asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip, ýüpekden ajaýyp halylarydyr matalary dokamagyň ygtybarly usullary döredilipdir.

Ýurdumyzda ýüpek gurçugynyň iýmiti bolan tut ýapraklarynyň ýeterlik möçberini almak üçin her ýylda tut nahallarynyň ýüz müňlerçe düýbi oturdylýar. Soňky ýyllarda tut nahallaryny Garagum derýasynyň kenarlaryna ekmek işi hem ýola goýuldy. Her ýyl ýurdumyzda geçirilýän ählihalk nahal ekişligi döwründe tut nahallary täze özleşdirilwn ýerleriň gyrasyna, atyzlaryň aralaryna ekilýär. Bu tomusky epgegi sowmakda hem gowy netije berýär.

Ýaz paslynyň gelmegi bilen oba hojalygynda işleýän adamlaryň, çarwalaryň, şol sanda ýüpekçileriň hem iş-aladasy artýar. Fewral aýynyň ikinji ýarymyndan başlap, gurçuk idediljek ýerlerde taý-



ýarlyk işleri geçirilýär. Olaryň saklanyljak jaýlarynyň ýylylyk, çyglylyk derejesiniň talabalaýyk bolmagy gazanylyp, mör-möjeklerden goramak üçin dermanlanylýar, üzärlik tütedilýär. Ýylyň gelşine görä, mart aýynyň aýagynda – aprel aýynyň birinji ýarymynda ýüpek gurçuklaryny idetmek möwsümi başlanýar.

Ýüpek gurçugynyň Watany Hytaý hasaplanýar. Onuň biziň ýurdumyza getirilmegi bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlar Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda beýan edilýär. Ol eserde ýaş gelniň gurçuk tohumyny gizlin ýagdaýda kellesindäki börügiň içine salyp getirendigi, şol gelniň ojagyna wepalylygy bilen, ýüpek gurçugynyň biziň ýurdumyza getirilip, ondan emele gelýän ýüpegiň türkmen zenanlarynyň elinde gaýtalanmajak sungat eserine öwrülendigi barada gürrüň berilýär.

**Döwletmyrat GARAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

# MEŞHUR ŞAHSYÝETLERIŇ ADY EBEDILEŞDIRILÝÄR

Türkmen halkynyň gadymy taryhynyň, özboluşly däp-dessurlarynyň, baý medeni mirasynyň dikeldilýän we çuňňur öwrenilýän, milletiň ruhy taýdan galkynýan häzirki zamanamyzda dürli döwürlerde ýurdumyzy syýasy, durmuş-ykdysady we medeni taýdan ösdürmäge aýratyn uly goşant goşan adamlara uly sarpa goýulýar, olaryň atlary ebedileşdirilýär. Watanyna we halkyna wepaly hyzmat etmegiň ajaýyp nusgasyny görkezen meşhur şahsyýetleriň zähmet we durmuş ýoly ýaşlar üçin görelde mekdebi bolup hyzmat edýär. Şeýle şahslaryň biri hem Saçly Dursunowadyr. Ol 1918-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Aşgabat raýonynyň Büzmeýin obasynda daýhan maşgalasynda dünýä inýär. Ol çagalygyndan ýetim galyp, çagalar öýünde terbiýelenýär. 1932-1936-njy ýyllar aralygynda ozalky Aşgabat şäherindäki lukmançylyk tehnikumyna okuwa girýär we okuwyny tapawutlanan bahalar bilen tamamlaýar. Şol ýylyň özünde, ýagny 1936-njy ýylda Türkmen döwlet medisina institutyna okuwa girmek bagty oňa miýesser edýär. 1941-nji ýylda okuwyny tamamlandan soň şol ýylyň sentýabr aýyna çenli häzirki Balkan welaýatynyň Magtymguly şäherçesinde zähmet çekip, nazaryýetde alan bilimlerini amaly lukmançylykda peýdalanýar. 1941-nji ýylyň sentýabr aýyndan 1942-nji ýylyň aprel aýyna çenli bolsa şol wagtky saglygy saklaýyş halk komissariatynyň apparatynda işlän döwri, nägehan urşuň tutaşan wagty bu dogumly zenan öz islegi bilen urşa gitmekligi maksat edinýär we fronta gitmeli diýen gutarnykly netijä gelýär.

Saçly Dursunowa 1942-nji ýylyň aprel aýynda Stalingradyň eteginde söweşjeň 62-nji atyjylyk diwiziýasynyň 534-nji medisina sanitar batalýonynda lukman bolup harby gulluga başlaýar. Ol urşuň janly şaýady bolýar, ýaraly esgerlere ruhy taýdan goldaw we lukmançylyk kömegi bilen yzygiderli ýardam berýär, şeýdibem ýeňşiň gazanylmagyna özüniň uly goşandyny goşýar. Beýik Watançylyk urşuny doly geçenleriň hatarynda medisina gullugynyň kapitany S. Dursunowanyň görkezen edermenlikleri üçin «Lenin», «Gyzyl ýyldyz» ordenleri bilen hem-de «Edermenligi üçin», «Söweşjeň hyzmatlary üçin», «Stalingradyň azat edilenligi üçin», «Kýonigsbergiň eýelenendigi üçin», «Germaniýadan üstün çykanlygy üçin» medallary bilen sylaglanýar. 1945-nji ýylda ýeňişden soň hem ol harby medisina gullugynda harby gullugyny dowam etdirmek bilen, bejergä mätäç ýaraly esgerlere kömek edip gelipdir. 1946-njy ýylyň sentýabrynda bolsa uruşdan dolanyp gelýär.

Köp işleri edip, öz borjuny birkemsiz ýerine ýetiren S. Dursunowa 1955-nji ýylda medisina



ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini, 1973-nji ýylda bolsa medisina ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesini alýar.

Ol 1970-nji ýyla çenli Aşgabadyň Epidemiologiýa hem-de Gigiýena institutynda ylmy işgär bolup işleýär. 1970-nji ýylda Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna hem-de Türkmenistanyň Mejlisiniň ýolbaşçysynyň orunbasarlygyna saýlanylýar. 1971-1972-nji ýyllar aralygynda Türkmen döwlet medisina institutynyň Ýokanç keselleri kafedrasynyň müdiri wezipesinde öz zähmet ýoluny dowam etdirýär. 1972-nji ýyldan ömrüniň ahyryna çenli bolsa Türkmen döwlet medisina institutynyň rektory, soň ylmy işler boýunça prorektory wezipelerinde işleýär.

Saçly Dursunowa ýurdumyzda medisina ylmynyň ösmegi üçin köp işleri bitiripdir. Saglygy goraýyş ulgamynda bitiren bimöçber işleri üçin «Saglygy goraýyşda tapawutlanan», «Türkmenistanyň at gazanan lukmany» diýen ýokary ada eýe bolýar, Türkmenistanyň Ýokary Mejlisiniň Hormat hatlary we «Hormat nyşany» ordeni bilen sylaglanýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen başlanan, Arkadagly Serdarymyzyň dowam etdirmekliginde Ahalyň merkezinde gurulýan binalaryň biri bolan Ahal welaýat lukmançylyk orta hünär okuw mekdebine S. Dursunowanyň adynyň dakylmagy lukmanlaryň buýsançly başyny göge ýetirdi. Biz hormatly halypalarymyzyň ýagty ýadygärligini hiç haçan ýatdan çykarmarys, olaryň bize miras goýan, ylymda we bilimde gazanan üstünliklerini hemişe öz tejribämizde ulanarys.

**Ýarangeldi ÇARYÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Ýokanç keselleri kafedrasynyň assistenti.*

# Dostlukly ýurda doganlyk kömegi

Doganlyk halklar bilen dostlukly gatnaşyklary saklamak we ösdürmek ýaly asylly däpler, zerur bolanda, kömek goluny uzatmak türkmen halkynyň durmuşynda asyrlardan bäri dowam edip, nesilden-nesle geçip gelýär. Türkiýede bolup geçen tebigy heläkçilik köp sanly adam pidalaryna we şikes ýetmelerine, uly möçberli weýrançylyklara getirdi. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz halkymyzyň özboluşly milliligine mahsus bolan ynsanperwerlik we hoşniýetlilik ýörelgelerinden ugur alyp, tebigy betbagtçylyk baradaky habara dessin seslenip, taryhy kökleriň, medeni we ruhy gymmatlyklaryň köpasyrlyk umumylygy birleşdirýän doganlyk halk üçin ynsanperwerlik kömegini ugratdy. Tebigy hadysa zerarly döränn weýrançylygyň dikeldilýän günlerinde berilýän goldaw hem-de şeýle çözgüdiň kabul edilmegi Türkmenistanyň parahatçylyk we ynsanperwerlik maksatlaryna ygrarlydygynyň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy esasynda Türkiýe Respublikasynda bolan güýçli ýertitremäniň netijesinde ejir çeken dostlukly döwletiň doganlyk halkyna yzygiderli ynsanperwerlik kömegi ugradylýar.



Ynsanperwerlik kömeginiň ilkinji tapgyry derman hem-de saglygy goraýyş maksatly serişdelerden we dokma önümlerinden ybarat boldy. Şeýle-de, Türkiýä lukmanlar ugradyldy. Olar ejir çekenlere kömek berýän kärdeşlerine zerur bolan ýardamy berýärler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen başy başlanan we häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň üstünlikli durmuşa geçirýän Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri goňşy we doganlyk ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr. Şunda ynsanperwer häsiýetli gatnaşyklara aýratyn orun berilýär.

Hormatly Prezidentimiz we Gahryman Arkadagymyz doganlyk ýurduň Baştutanyna gynanç hatyny iberdiler. Hatlarda şu agyr pursatda gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna, ýakynlaryna ýürekden gynanç we medet beriji sözler, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dilegler beýan edilýär.

Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň maşgalasy, Arkadagly Serdarymyzyň ejesi Ogulgerek Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidentiniň maşgalasy Emine Ärdogan bilen geçiren telefon arkaly söhbetdeşliginde köp sanly adam pidalaryna we weýrançylyklara getiren güýçli ýertitreme zerarly ejir çeken doganlyk türk halkyna çuňňur gynanjyny we medet beriji sözlerini beýan etdi.

Geçen hepde Ministrler Kabinetiniň 2022-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen giňişleýin mejlisinde Türkiýe Respublikasynda bolan güýçli ýertitremäniň netijesinde ejir çekenleriň arasynda çagalaryň hem bardygyny nazara alyp, Gahryman Arkadagymyzyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdelerinden doganlyk ýurda ynsanperwerlik kömegini bermek baradaky başlangyjy beýan edildi. Bu kömegiň türkmen zenanlarynyň adyndan ugradylýandygy öz perzentlerini tutuş durky bilen söýýän enelere goýulýan belent sarpanyň nyşanydyr.

Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça güýçli ýertitreme zerarly ejir çeken Türkiýe Respublikasyna ynsanperwerlik kömeginiň ikinji tapgyrynyň iberilmegi doganlyk ýurduň halkyna we ýolbaşçylaryna bildirilýän çuňňur hormatyň nobatdaky beýanydyr. Ikinji tapgyrda Türkiýe Respublikasynyň çagalary üçin niýetlenen ýyly egin-eşikler, derman we lukmançylyk serişdeleri doganlyk ýurda iberildi. Ejir çeken maşgalalar, olaryň çagalary üçin zerur bolan ýyly egin-eşikler, derman we lukmançylyk serişdeleri, şeýle-de azyk önümleri ýüklenilen uçar doganlyk ýurda tarap ugur aldy.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Türkiýe Respublikasynyň ilçihanasyna baryp, Türkiýe Respublikasynda bolan güýçli ýertitremäniň netijesinde ejir çeken doganlyk ýurduň wekillerine duýgudaşlyk bildirdi.

Iki dostlukly halkyň taryhynyň, däp-dessurlarynyň umumydygyny belläp, hormatly Arkadagymyz türkmen halkynyň «Söýenişen ýykylmaz» diýen parasatly sözünden ugur alnyp, şu agyr pursatda doganlyk türk halkyna zerur goldawlaryň beriljekdigini aýtdy.

Umuman, Türkmenistan bilen Türkiýäni köp sanly umumylyklar birleşdirýär. Ine, şeýle döwürde edilýän kömekdir goldawlar iki doganlyk halkyň dostlugynyň bakydygynyň subutnamasydyr.

**Aýbölek KERIMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**Täze Hökümet başlygy.** Moldowanyň Prezidenti Maýýa Sandu Ýokary howpsuzlyk geňeşiniň sekretary Dorin Reçany ýurduň Premýer-ministri wezipesine hödürledi. Golaýda hökümete ýolbaşçylyk eden Natalýa Gawrilisa işinden çekildi. Indi Dorin Reçan Ministrler Kabinetiniň täze düzümini parlamente tassyklatmak üçin tabşyrar.



**Täze banknot giriziler.** Argentinanyň häkimiýetleri inflýasiýa sebäpli täze banknoty dolanyşyga girizmek barada karara geldiler. «2000 peso bahasy bolan banknot ýurtda peýda bolar» diýip, Merkezi bankyň habarynda aýdylýar. Soňky wagtlar ýurtda 1000 we 500 peso iň köp ulanylýan pul boldy.



**Golýazmasy satyldy.** Britan rok sazandasy Dewid Bouiniň «The Jean Genie» aýdymynyň golýazmasy 57 müň funt sterlinge (takmynan, 68,7 müň dollar) satyldy. «Omega» auksion öýüniň maglumatlaryna görä, golýazma çyzykly kagyza ýazylyp, awtor tarapyndan gol çekilen 18 setirli tekstdir.



**Welopartalar ornaşdyrylýar.** Sapak wagty okuwçylar ýeňil maşklary ýerine ýetirip bilerler. Bu çäre semizlige garşy göreşiň çäklerinde amala aşyrylýar. Meksikada 5 ýaşa çenli çagalaryň 8%-e golaýynyň artykmaç agrama eýedigi belli boldy. Bu görkeziji 5-11 ýaşly çagalaryň arasynda 19%-e deňdir.



**«Bugatti»-niň täze äýnegi.** Ýakyn wagtda dünýädäki dükanlarda üýtgeşik «Bugatti» äýnekleri peýda bolar. Olaryň bahasy 1,3-15 müň dollar aralygynda bolar. Kolleksiýada dokuz dürli görnüş bolup, olaryň hemmesini moda pudagynda 60 ýyl bäri işleýän Larri Sands dizaýn etdi. Ähli nusgalar Ýaponiýada öndüriler.



**Ýüzmäge ukyply kwadrokopter.** Hytaýly alymlar diňe bir howada uçmak bilen çäklenmän, eýsem, suwuň aşagyna hem çümüp bilýän täze kwadrokopter ýasadylar. «TJ-FlyingFish» pilotsyz uçarynyň agramy, takmynan, 1,63 kilogram bolup, alty minutlap howada asyl-asyl bolup durmaga ýa-da suw astynda 40 minutlap işlemäge ukyply.



**«Lexus» öňe saýlandy.** Iň ygtybarly awtoulaglary bolan markalaryň täze sanawynda «Lexus» brendi birinji orna çykdy. «Kia» köpçülikleýin model öndürijileriniň arasynda öňdebaryjylygyny saklady. Bu barada J.D. Power tarapyndan neşir edilen barlag maglumatlarynda mälim edilýär.



**Nebitiň bahasyny gymmatladar.** Saud Arabystany mart aýynda ähli sebitlerden bolan müşderiler üçin nebitiň nyrhyny gymmatlatmakçy. Bu barada «Saudi Aramco» döwlet kompaniýasy habar berdi. Nebitiň bahasy, esasan-da, ýewropalylar üçin gymmatlar, ähli görnüşden bolan nebitiň barreliniň bahasy 2 dollar gymmatlar.

**Uklamak üçin gulaklyk.** «Philips» kompaniýasy ýörite sensorlar arkaly uklaýşyňy awtomatiki yzarlap, uklanyňdan soň işlemegini bes edýän gulaklyk döretdi. Gulaklyk sim bilen boýnuň arka tarapynda ýerleşýän ýörite modula birikdirilýär. Gulaklyklaryň galyňlygy bary-ýogy 6 millimetr bolup, ol gulakdan çykyp görnüp durmaýar.



## IKINJI TAPGYRDA ÝEŇIŞ GAZANDY

**12-nji fewralda Kipriň Daşary işler ministrliginiň öňki ýolbaşçysy Nikos Hristodulidis ýurtda geçirilen prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda esasy bäsdeşi Kipriň BMG-däki ozalky hemişelik wekili Andreas Mawroýannisden üstün çykyp ýeňiş gazandy. Saýlaw býulletenleri doly sanalandan soň Hristodulidisiň 51,9%, Mawroýannisiň hem 48,1% sese eýe bolandygy belli boldy. Ikinji tapgyra gatnaşanlaryň sany 72,2%-e deň boldy, bu bolsa bir hepde öň geçirilen birinji tapgyra garanyňda, 2% ýokarydyr. Saýlawlaryň birinji tapgyrynda hem öňki daşary işler ministri häzirki bäsdeşinden öňe saýlanypdy.**

**49 ýaşly Hristodulidis ýakyn bäş ýylda iň ýokary hökümet wezipesini ýerine ýetirer we Kipriň sekizinji prezidenti bolar. Saýlanan prezident 1973-nji ýylyň 6-njy dekabrynda Pafosyň eteginde – Geroskipuda dünýä indi. Ol bäş ýokary okuw mekdebini tamamlady: Nýu-Ýorkuň Kuins kolleji, Nýu-Ýork uniwersiteti, Malta we Afiny uniwersitetleri, Ortaýer deňzi diplomatiýa barlaglary akademiýasy. Ol bu okuw mekdeplerinde syýasy ylymlary, ykdysadyýeti, döwlet dolandyryş meselelerini öwrendi we diplomatiýa ugrunda barlaglary alyp bardy. 1999-njy ýyldan 2013-nji ýyla çenli Kipriň Beýik Britaniýadaky Ýokary Komissarlygynyň (ilçihanasynyň) Baş konsuly bolup işlemek ýaly diplomatik gullugynda işledi. 2014-nji ýyldan 2018-nji ýyla çenli Kipr hökümetiniň ministr derejesinde resmi wekili, soň bolsa geçen ýyla çenli Kipr Respublikasynyň daşary işler ministri boldy.**



**2022-nji ýylyň başynda Hristodulidis daşary işler ministrliginiň ýolbaşçysy wezipesinden çekildi. Ol dolandyryjy partiýanyň lideri «Demokratik bileleşik» partiýasynyň baştutanynyň saýlawlaryna we bu syýasy güýçden döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär hökmünde gatnaşmakdan ýüz öwürdi.**

**Netijede, Nikos Hristodulidis garaşsyz dalaşgär hökmünde prezidentlige dalaş edip, Demokratik partiýa, Sosial demokratiýa hereketi, «Demokratik front» partiýasy we «Raýdaşlyk hereketi» tarapyndan wekilçilik edilýän merkezi we proellin güýçleri arkaly giň goldawa eýe boldy. Hristodulidis Kipriň diplomaty bolan Filippa Karsera bilen durmuş gurýar. Olaryň dört gyzy bar.**

## Karl III şekili bilen ilkinji markalar çykdy

Beýik Britaniýanyň poçtasy Korol Karl III portreti goýlan ilkinji markalaryny hödürledi. Bu barada «Times» neşiri habar berdi. Neşiriň maglumatlaryna görä, monarh markada çepe bakyp duran profilde şekillendirilipdir. Monarhyň şeýle şekiliniň däbi, 1840-njy ýylda Şa zenan Wiktoriýanyň portreti goýlan ilkinji «Penny Black» poçta markasynyň peýda bolmagyndan bäri saklanyp galypdyr.

Bu marka, esasan, hiç hili bezeginiň, täjiniň ýokdugy, ýönekeý fondaky adamyň ýüzi bilen tapawutlanýar – diýip, «Royal Mail»-iň jemgyýet bilen aragatnaşyk boýunça başlygy Deýwid Gold aýtdy. Markada Korollygyň zikgehanasynyň sargydy boýunça suratkeş Martin Jennings tarapyndan ýerine ýetirilen Karl III portretiniň adaptirlenen görnüşi hödürlenýär. Täze marka Londonyň poçta muzeýindäki serginiň bir bölegi bolar. Sergi 2023-nji ýylyň 3-nji sentýabryna çenli dowam eder.

Karl III şekili goýlan markalar 4-nji aprelde satuwa çykarylar, emma poçta bölümleri Ýelizaweta II portreti goýlan markalar gutarýança olary satmaz. Belli bir döwürde häzirki we öňki monarhlaryň şekilleri bolan markalaryň bir wagtda dolanyşykda boljakdygy aýdylýar. «Garyşyk frankirleme» diýlip atlandyrylýan şuňa meňzeş ýagdaý geçmişde hem ýüze çykyp, 1911-1913-nji ýyllarda Edward VII we Georg V, 1937-1939-njy ýyllarda Georg V we Georg VI, 1952-1955-nji ýyllarda Georg VI we Ýelizaweta II portretleri bolan markalar bir wagtyň özünde dolanyşykda bolupdy.

Mundan öň Korol Karl III we Ýelizaweta II şekilleri goýlan şaýylyklaryň we banknotlaryň Beýik Britaniýada we baştutany henizem resmi taýdan britan monarhy bolup




durýan beýleki ýurtlarda bilelikde dolanyşykda boljakdygy habar berildi.

Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II geçen ýylyň 8-nji sentýabrynda Şotlandiýanyň Balmoral galasynda 96 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Şondan soň onuň ogly Şazada Çarlz ejesiniň ornuna geçip, Korol Karl III adyna eýe boldy. Ýelizaweta II Windsor galasynyň meýdançasyndaky Georg VI buthanasynda jaýlandy.

## Pilotsyz uçarlar peýda bolar

Ýakyn wagtda Ýewropa Bileleşiginde pilotsyz uçýan taksileriň peýda bolmagyna garaşylýar. 2024-nji ýylda raýat dronlaryny öndürijiler öz önümlerini giň halk köpçüligine hödürlemegi maksat edinýärler. Ýakyn wagtda peýda boljak şeýle tehnologik öňegidişlik barada habarly bolan raýatlar awtomatik enjamlar tarapyndan dolandyrylýan şeýle uçarlaryň heläkçilige uçramazlygy üçin kepillik soraýarlar.

Muny awiasiýa howpsuzlygy gullugynyň (EASA) ýerine ýetiriji direktory Patrik Ki şeýle kepillendirýär:

– Meniň işim diňe howpsuz uçar serişdeleriniň uçmagyna rugsat bermekden ybarat. Eger-de Ýewropanyň asmanynda pilotsyz uçarlara gabat gelseňiz, onda kepillendirilendigi sebäpli hiç hili howp abanmaýandygyna düşüniň. «Kepilnama» diýlende, biz bu pilotsyz uçary üns bilen barlap, ulanylýan döwründe islendik täjirçilik uçarlary bilen deň derejede howpsuzlygyny üpjün edýäris. Şeýlelikde, 2024-nji ýylda howa taksileri ýokary göterilse, diňe howpsuz bolandygy üçin uçar.

Brýusselde geçirilen sergide görkezilen bu pilotsyz howa taksisi 2024-nji ýylda Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlarynda adamlary daşamak üçin ulanylar. Onda zyýanly zyňyndylary öndürmeýän we adaty dikuçardan dört esse az ses çykarýan elektrik motory bilen hereket edýän 18 rotor bar. «Volocity» atly pilotsyz uçar, takmynan, 20 kilometr aralykda uçup bilýär. Ol Ýewropa Komissiýasynyň pilotsyz uçar strategiýasyna doly laýyk gelýär. Brýussel howa taksilerini «akylly, ýaşyl we sanly» bolan şäher ulag ulgamlaryna birleşdirmekçi. Bu strategiýa Ýewropanyň pilotsyz bazarynyň mundan beýläk-de ösdürilmegini üpjün edýär. SESAR bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçysynyň sözlerine görä, olary dürli maksatly, şol sanda iri söwda amallary üçin ulanyp bolýar.

– Biziň taslamalarymyzyň ýene-de biri, «SAFIR-Med» diýlip atlandyrylyp, lukmançylyk enjamlaryny, gan nusgalaryny we şuňa meňzeşleri hassahanadan laboratoriýa ýa-da başga bir hassahana eltmekden ybaratdyr. Bu has ygtybarly, has çalt we has durnukly – diýip, Andreas Boşen aýtdy.



Bütin Ýewropa Bileleşigi boýunça geçirilen barlaglar, dronlaryň lukmançylyk enjamlaryny ibermek üçin ulanylmagynyň, pikiri soralanlaryň 50%-den gowragy tarapyndan kabul ederlikli hasaplanýandygyny görkezdi. Howa taksilerine bolan ynam derejesi we dronlaryň şahsy hyzmatlar üçin ulanylmagy birneme pesdir. Şonuň ýaly-da, bu ulag görnüşlerinden peýdalanmagyň bahasy barada hem sowal ýüze çykdy. Şeýle-de 2030-njy ýyla çenli pilotsyz howa ulaglary babatda Ýewropa bazary 14,5 milliard ýewro deň bolup, agza ýurtlarda 145 müňden gowrak iş ýerini döreder.

## Agaçlar durmuşyň hilini ýokarlandyrýar

Häzirki wagtda uly şäherlerde agaç ekmek ileri tutulýan maksatnamalaryň biridir. «Forestami» (Tokaýyň dostlary) maksatnamasyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli Milanda we onuň töweregindeýaşaýan 3 million ilat üçin 3 million agaç ekmek maksat edinilýär.

– «Forestami» taslamasynda ýakyn ýyllarda Milan sebitinde agaçlaryň, esasan hem, beýik agaçlaryň sanyny köpeltmek maksat edinilýär. Agaçlary ösdürip ýetişdirmek global maýylganlygy we howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijelerini haýallatmagyň täsirli usullarynyň biridir. Şäherdäki agaçlar kömürturşy gazyny özüne siňdirip, ilatyň saglygyny goraýar – diýip, «Forestami» taslamasynyň ylmy komitetiniň başlygy Stefano Boeri belledi.

– Biz adamlaryň ýaşap we işläp bilmegi üçin agaç ekilen ýaşyl ýerleri köpeltmek hakda alada edýäris. Bu biziň çözmäge synanyşýan iň esasy meselelerimiziň biri – diýip, taslamanyň ylmy müdiri Mariýa Kiara Pastore belleýär.

Taslama görä, 2030-njy ýyla çenli 3 million agaç ekmek meýilleşdirilýär. «Forestami» taslamasyna laýyklykda, eýýäm 330 müňden gowrak agaç ekildi. Mundan başga-da, bu taslama şäheri diňe bir ýaşyllaşdyrmak bilen çäklenmän, onuň howasyny arassalaýar, energiýa sarp edilişini peseldýär we adamlaryň durmuşynyň hilini ýokarlandyrýar. Taslamany işläp düzüjileriň aýtmagyna görä, agaç ekmek diňe bir uly şäherleriň däl, eýsem, tutuş Ýer ýüzüniň howasyny arassalamaga ýardam berýär.

Uly şäherleriň paýyna dünýäniň uglerod dioksidiniň 75%-i düşýär. Bu ýagdaý howanyň üýtgemeginiň ýa-



ramaz täsirlerine olaryň jogapkärdigini aňladýar. Agaçlar kislorod goýbermekden başga-da, saglyga ýaramaz täsir edýän howadaky mikrobölejikleri özüne siňdirýär.

Milan sebitinde 3 milliondan gowrak adam ýaşaýar. Bu agaçlar 2030-njy ýyla çenli her bir ýaşaýjyny arassa howa we ýaşaýşyň hili bilen üpjün edip, howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerine garşy durmaga ýardam berer.

## Täzelenýän energiýa bilen üpjün eder

Wýetnamyň Senagat we söwda ministrligi 2030-njy ýyla çenli umumy başlangyç energiýada ilaty 15-20% täzelenip bilýän energiýa bilen üpjün etmegi maksat edinýär. Bu barada Wýetnamyň «Vietnam News» neşiri mälim etdi.

2045-nji ýyla çenli bu görkeziji 25-30%-e çenli artar diýlip, ýurduň senagat we söwda ministrliginiň howanyň üýtgemegine garşy göreş we «ýaşyl» ösüş boýunça hereket meýilnamasynda bellenilýär. Neşir 2050-nji ýyla çenli parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň, takmynan, 42 million tonna kömürturşy gazy derejesinde saklanmalydygyny öňe sürýär. Mundan başga-da, önümçiligi we işewürlik modellerini «ýaşyl» ösüşe gönükdirmäge üns berler. Hereket meýilnamasynda ykdysady we netijeli özleşdiriş hem-de tebigy baýlyklary we energiýany ulanmak üçin çözgütleriň ulanylmagyna aýratyn ähmiýet beriljekdigi aýdylýar. Şeýle hem sanly tehnologiýalary we sanly üýtgeşmeleri ulanmak, ösüşiň hilini ýokarlandyrmak üçin infrastrukturanyň durnuklylygyny ösdürmek, bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmak we daşky gurşawa ýaramaz täsirleri azaltmak maksat edinilýär diýlip, resminamada bellenilýär.

2021-nji ýyla çenli Wýetnamda gaýtadan dikeldilýän energiýa kuwwaty 20,670



MWt-a ýetdi we umumy mukdaryň 27%-ini emele getirýär diýlip, «Vietnam News» neşiriniň habarynda bellenilýär. Täzelenýän energiýa çeşmeleri boýunça Halkara agentliginiň maglumatlaryna görä, ornaşdyrylan gün kuwwatlyklary boýunça Wýetnam dünýäde ilkinji 10 ýurduň hataryna girýär.

## ÝYLLYK GIRDEJISI ARTÝAR

**Ýewropadaky iň uly energiýa kompaniýalarynyň biri bolan Norwegiýanyň «Equinor» kompaniýasy ýyllyk girdejisi barada hasabat berdi. Kompaniýanyň wekilleri dünýäde energiýanyň bahalarynyň düýpgöter ýokarlanmagynyň netijesinde, 2022-nji ýylda rekord girdeji gazanylandygyny habar berdiler. Umuman alanyňda, «Equinor»-yň arassa girdejisi üç esse artyp, 2021-nji ýylda 10 milliard dollardan 2022-nji ýylda 28,7 milliard dollara çenli ýokarlandy. Öz gezeginde kompaniýanyň satuwy 66% artyp, 150,8 milliard dollara ýetdi.**

**Onuň britaniýaly bäsdeşleri «Shell» we «BP», şeýle hem ýyllyk ýokary girdeji gazanan ABŞ-ly bäsdeşleri «ExxonMobil» we «Chevron» ýaly, «Equinor» hem girdejileriniň ýokarlanmagyny gazandy. Dünýäde emele gelen ýagdaýlar geçen ýyl bahalaryň rekord derejä ýetmegine sebäp boldy we «Equinor»-yň bazar lideri bolan Norwegiýa bolsa, Ýewropa yklymynda iň uly gaz üpjünçisi boldy.**

**Rekord girdejiler «Equinor»-a öz paýdarlaryna jomart bolmaga mümkinçilik**



**berip, kompaniýa diwidend tölemäge we paýnamalary satyn almaga 17 milliard dollar sarp etmegi meýilleşdirýär. Şeýle hem «Equinor»-yň wekilleri 2023-nji ýylda 10-11 milliard dollar maýa goýmagy we nebitgaz önümçiligini 3% ýokarlandyrmagy meýilleşdirýändigini aýtdylar.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**1852-nji ýylyň 17-nji fewralynda bawariýaly binagär Leo fon Klense (1784-1864) tarapyndan gurlan Sankt-Peterburgyň kenar ýakasyndaky biri-birine ýanaşyk köşk binalarynyň birinde Täze Ermitažyň dabaraly açylyşy boldy. Bu waka mynasybetli Ermitaž teatrynda spektakl görkezildi.**



## Täze «Rosetta daşyny» aýdyňlaşdyrdylar



**Arheologlar tarapyndan 30 ýyl ozal Yrakdan tapylan iki sany toýun tabliçkanyň ýüzündäki gadymy ýazgylary britaniýaly dilçi alymlar Manfred Krebernik bilen Endrýu R. Jorj okamagyň hötdesinden geldi. Olar bu ýazgylaryň birwagtlar ýitip giden hasaplanýan kenganlylaryň dilinde ýazylandygyny anykladylar.**

**«Live Science» web saýtynyň hünärmenleri bu uly açyşyň Müsüriň meşhur «Rosetta daşynyň» ýüzündäki ýazgylaryň okalmagy bilen barabardygyny tassykladylar. Olaryň bellemegine görä, dilçi alymlaryň bu açyşy bir wagtdan bäri ýitip giden hasaplanýan kenganlylaryň dilini janlandyrýar. Alymlar toýundan edilen gadymy tabliçkadaky ýazgylar bilen birsyhly işleşenlerinde, ahyrsoňy onuň syryny açmagy başardylar. Alymlar olary 2016-njy ýyldan bäri öwrenip gelýärler. Olar ýazgylarda akkad diliniň käbir alamatlary bar diýen netijä geldiler, bu bolsa öz gezeginde amor dilinden hem käbir elementleri ýüze çykardy. Lingwistler bu tekstleriň, takmynan, 4 müň ýyl ozal ylymda näbelli bolan amoreýleriň dilinde ýazylandygyny kesgitlediler. Bu halk gelip çykyşy boýunça Kengandan bolup, biziň günlerimizde Siriýanyň, Ysraýylyň we Iordaniýanyň ýerleşýän taryhy sebitidir.**

**Ysraýylyň Tel-Awiw uniwersitetiniň assirologiýa boýunça professory Ýoram Koen hem bu gadymy tabliçkalaryň amoreý dilini öwrenmegi zerur hasaplan gadymy akkad dilinde gürleýänler üçin gollanma bolandygyny öňe sürdi. Professor munuň köne sözlük bolmagynyň mümkindigini sözüniň üstüne goşdy.**

# HALKARA ÝÜP ÇEKMEK BAÝRAMÇYLYGY

Dünýäniň dürli künjeginde her ýylyň 19-njy fewralynda gyzykly sport güýmenjeleriniň biri bolan ýüp çekmek ýaryşynyň halkara güni bellenilýär. 1900-nji ýylda Olimpiýa oýunlarynyň hataryna goşulyp, 1920-nji ýylda Olimpiadanyň sanawyndan aýrylan ýüp çekmek ýaryşy (Tug of War) iki toparyň özara güýç synanyşmagy esasynda geçirilýär. Ýüp çekmek ýaryşynyň gelip çykyşy belli däl, ýöne taryhy maglumatlarda irki döwürlerde Kamboja, Müsür, Gresiýa, Hindistan we Hytaý sebitlerinde bu oýnuň oýnalandygy barada bellenilýär. Ýüp çekmek ýaryşy ilkibaşda «ýagtylyk bilen garaňkylygyň göreşmegi» diýen manyda geçirilipdir. Soňlugy bilen adaty sport görnüşine öwrülipdir.





### OÝNUŇ GYSGAÇA TARYHY

1900-nji ýylda Fransiýanyň paýtagty Parižde geçirilen Olimpiýa oýunlarynda ilkinji gezek 5-6 toparyň arasynda ýüp çekmek ýaryşy geçirilýär. Şeýlelik bilen janköýerler entek görmedik bu sport ýaryşynyň şaýady bolýarlar. Şonda Şwesiýadyr Daniýadan gelen garyşyk topar kümüş medal gazanan Fransiýanyň ýerli toparyndan üstün çykyp, altyn medala mynasyp bolýar. Olimpiýa oýunlarynyň düzüminde jemi 5 gezek geçirilen «Tug of War» ýaryşynyň iň soňkusy 1920-nji ýylda bolup geçýär. Sebäbi Halkara Olimpiýa komitetiniň karary bilen şol döwürlerde Olimpiýa oýunlarynyň düzüminde 32 sport görnüşiniň bolmalydygy kesgitlenýär. Şol ýylky oýunlarda Beýik Britaniýanyň ýygyndysy altyn, Niderlandlaryň ýygyndysy kümüş medal gazanýar. 1960-njy ýylda ýüp çekmek ýaryşlaryny bütin dünýäde guramak üçin «Tug of War» halkara federasiýasy döredilýär. Bu federasiýa 70-e golaý ýurt agza bolýar. 1981-nji ýylda bu ýaryş dört ýyldan bir gezek geçirilýän Bütindünýä oýunlarynyň maksatnamasyna girizilýär.

Bu sport. Bu gyzykly güýmenje. Bu güýçleriň bäsleşigi... Ýüp çekmek ýaryşyna gatnaşýanlaryň köpüsi şu sözleri gaýtalaýar. Uzakdan göräýmäge iki toparyň hersi ýüpüň bir ujundan çekýär. Göräýmäge bu aňsat we adaty zat ýaly. Ýöne munda toparyň her bir agzasynyň myşsalarynyň çeýeligi, sazlaşykly hereketi uly orun eýeleýär. Bu ýaryşda haýsy topar güýjüni birleşdirip agzybirlikde hereket etse, şol hem ýeňiji bolýar.

### ÇYKDAJYSYZ SPORT GÖRNÜŞI

Ýüp çekmek ýaryşyny geçirmek üçin artykmaç çykdajy we ýörite sport meýdançasy zerur däl. Ýaryşy islendik açyk meýdanda geçirip bolýar. Şeýle hem merkezi ýaglyk bilen çiglip bellik edilen, toparyň düzümine görä uzynlykda urgan (süýümden işilen ýogyn ýüp) gerek. Köplenç ýaryşa gatnaşyjylaryň sany ikiden sekize çenli aralykda bolýar. Käte has uly toparlaryň arasynda hem guralýan ýüp çekmek ýaryşy käbir ýurtda ýalpak suw howdanlarynda ýa-da palçykly ýerde geçirilýär.



### BEDEN ÜÇIN GOWY MAŞK

Bilermenler ýüp çekmegiň eliň we aýagyň myşsalarynyň çeýeligini artdyrýandygyny, güýç toplamak üçin iň gowy maşklaryň biridigini belleýärler. Mundan başga-da, ýaryşyň dowamyndaky dartgynly pursatlarda bil-oňurga süňkleri herekete gelip, beýniniň işjeňligi artýar.

# GÜLI SOLDURMAN SAKLAMAGYŇ TÄZEÇE USULY



Baýramçylyklarda, şatlykly günlerde zenanlara berilýän iň gowy sowgat, megerem, gül çemeni bolsa gerek. Her bir zenan berlen arzyly sowdagyny soldurman saklamaga çalyşýar. Eýsem, owadan, hoşboý ysly ösümligi otag şertinde soldurman, nädip uzak wagtlap saklap bolar?! Tebigaty öwrenijileriň soňky geçiren tejribe synaglarynda güli «janly» saklamagyň täze usuly ýüze çykaryldy. Geliň, munuň nähili ýerine ýetirilýändigini öwreneliň!

Gerekli zatlar: gülüň sanyna görä ter kartoşka, aýlawly deşgiç, biraz ary baly, güldan we toprak.

Ilki bilen gülleriň çybygynyň ujuny gytaklaýyn kesmeli. Gülüň çybygy näçe gysga kesilse, şonça-da uzak wagt solman saklanmagyna ýardam edýär. Soňra aýlawly deşgiç bilen kartoşkalary ýarymyna çenli deşmeli. Ýöne deşgiç kartoşkanyň beýleki tarapyndan çykmaly däl. Şeýlelik bilen esasy serişdelerimiz taýýar boldy. Ondan soňra islege görä güldan alyp, ýarymyna çenli toprak guýmaly. Gülüň gytaklaýyn kesilen çybygyny bala batyryp, kartoşkanyň içine ornaşdyrmaly hem-de güldanda ýerleşdirmeli. Soňra kartoşkany ýarymyna çenli gum bilen gömüp, az mukdarda suw guýmaly. Bilermenler bu usuldaky syry kartoşkanyň düzüminde güli iýmitlendirmek üçin peýdaly maddalaryň bardygy hem-de suwuň we çyglylygyň köp mukdarda saklanýandygy bilen düşündirýärler. Wagtyň geçmegi bilen gül çybyklary kök urup gögerýär, kartoşka bolsa güli iýmitlendirip, topraga goşulyp gidýär. Bu usuly hem otag şertinde, hem açyk meýdanda ýerine ýetirip bilersiňiz.

# Saçak başynda oturyp NAHARLANMAGYŇ ÄHMIÝETI



Saçak başynda oturyp naharlanmak Gündogar medeniýetiniň bir bölegi bolup, halkyýetleriň arasynda asyrlarboýy dowam edip gelýär. Hatda bu ýörelge käbir halkyň milli däbine hem öwrülipdir. Oturgyçda oturyp, stol başynda naharlanmagyň döwrebap görülýändigine garamazdan, saçak başynda oturyp naharlanmagyň saglyk üçin has-da peýdalydygy aýdylýar.

**Beýnini güýçlendirýär.** Saçak başynda köplenç aýbogdaşyňy gurap oturylýar. Bu ylymda «suhasana» diýlip atlandyrylýan ýoga görnüşidir. Munda 3 iş: oturmak, iýmek we ýoga etmek (hereket) birbada amala aşyrylýar. Bu bolsa bedeniň dynç alşyny ýeňilleşdirip, aňy köşeşdirýär hem-de aşaky oňurga basyş edýär. Netijede, beden asuda ýagdaýa geçip, beýnini, ýagny akyl ýetiriş ukybyny güýçlendirýär.

**Iýmit siňdirmegi ýeňilleşdirýär.** Ýerde oturyp nahar iýlende saçakdaky naznygmatdan almak üçin biraz öňe egilýäris we iýmiti çeýnemek hem-de ýuwutmak üçin adaty ýagdaýa gaýdýarys. Yzygiderli ýerine ýetirilýän bu hereket garnyň myşsalaryny işjeňleşdirýär, aşgazan kislotasynyň bölünip çykmagyny ýokarlandyrýar hem-de iýmitiň çalt özleşmegine ýardam edýär.

**Çeýeligi ýokarlandyrýar.** Saçak başynda nahar iýlende dürli-dümen goýmak üçin birnäçe gezek oturyp-turmaly hem-de egilmeli bolýar. Bu bolsa myşsalaryň we bogunlaryň çeýeliginiň ýokarlanmagyna kömek edýär. Şeýle hem topugyň, dyzyň we oňurga süňklerindäki bogunlaryň kadaly hereketini emele getirip, birnäçe gaýra üzülmäniň öňüni almaga mümkinçilik berýär.

**Gan aýlanyşyny gowulandyrýar.** Aýbogdaşyňy gurap nahar iýlende garynda ýerleşýän ähli beden agzasynda ýokary derejede gan aýlanýar. Bu aşgazanyň iýmit siňdirişi üçin möhüm talaplaryň biridir. Dik durup ýa-da oturgyçda oturyp nahar iýlende bu netijäni gazanyp bolmaýar.

**Ömrüň dowamlylygyny ýokarlandyrýar.** Geçirilen barlaglarda oturgyçda oturyp naharlanýan adamlara görä, «goldawsyz» özi oturyp, özi turýan ynsanlaryň has uzak ýaşaýandygy ýüze çykaryldy. Munuň sebäbi ýerde oturyp naharlanylanda aşgazana iýmitiň dogry düşýändigi hem-de gowy özleşýändigi bilen düşündirilýär.

**Maşgala baglanyşygyny güýçlendirýär.** Saçak başynda oturyp naharlanmak saglyk üçin peýdaly taraplary bilen bir hatarda, emosional duýgularyň ösmegini hem gowulandyrýar. Ýagny saçak başyna tutuş maşgala üýşýär, hal-ahwal soraşylýar, gülşüp-degşilýär, çaý içilýär we pikir alşylýar. Bu bolsa adama ruhy taýdan lezzetli bolup, maşgala agzalaryny biri-birine ysnyşdyrýar. Maşgala mukaddesligini üpjün edýär.

Uzak wagtlap aýbogdaşyňy gurap oturmak saglyga oňaýsyz täsir edip biler, ýagny aýakda gan aýlanyşynyň haýallamagyna getirer. Şol sebäpli arasynda aýagyňy uzatmak, biraz gezim etmek maslahat berilýär.

# ÇAGALAR

✓ Täçmahal ýadygärlikler toplumy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen, bezeg aýratynlyklary bilen tapawutlanýan dünýäniň ýedi täsinliginiň biridir.

Ozuň reňkle!



Sanlary birleşdiriň!



Labirint



## Tukan – endemik neotropik guş



Neotropik sebitde ýaşaýan täsin jandarlaryň biri hem tukan bolup, ol «capitonidae» (sakgally) guşlar maşgalasyna degişlidir. Bu guşlar açyk reňkli ýeleklerinden başga-da, çüňküniň dürli reňkde bolmagy bilen beýleki guşlardan tapawutlanýar. Kyrkdan gowrak görnüşi bolan bu guşlar 5 topara bölünýär. Tukanlar Ýer ýüzüniň ähli ýerinde gabat gelmeýär. Meksikanyň günortasyndan Argentinanyň demirgazygyna çenli aralykdaky neotropik sebitde ýaşaýan endemik guş bolan tukanlaryň käbir görnüşi pes tropiki düzlüklerde, sowuk howaly belentliklerde hem duş gelýär.

Tukanlar jübüt ýa-da kiçiräk topar bolup, adatça agaçlarda ýaşaýarlar. Mekan tutan tokaýyndan başga ýere göçmeýärler. Boýy 29-63 santimetre, çüňküniň uzynlygy 15-17 santimetre ýetýän bu guşlaryň kelteden güýçli aýaklary, gysga hem-de ýogyn boýny bar. Örän gysga aralyga uçup bilýän tukanlaryň kiçijik ganatlary we ujy tegelek gysga guýrugy bolýar. Daşyndan göräýmäge matadan tikilen oýnawaja meňzeýän tukanlaryň ýelekleri gara bolup, kellesiniň iki gapdalyndan döşüne çenli ak zolagy bar. Gözüniň ýerleşýän ýeri sary menekli bu guşlaryň çüňküniň ujunda we başlanýan ýerinde tapawutlandyryp duran gara zolaklary bolup, günuzyn bir şahada oturyp, az hereket edip, daş-töweregindäki miweleri iýmekde uzyn çüňki ýardam edýär. Bilermenleriň bellemegine görä, tukanlar çüňküniň ýeňildigi üçin iýmiti ýolmakda we iýmekde kynçylyk çekmeýär. Çüňkünde kertik-kertik dişleriniň bardygyna garamazdan bu guşlar diňe miweler bilen iýmitlenýärler.



Dünýäniň birnäçe haýwanat bagynda beýleki guşlar bilen birlikde tukanyň hem käbir görnüşi idedilýär. Mundan başga-da, tukanyň şekilinde robot hem-de matadan tikilen görnüşinde oýnawaçlar hem öndürilýär. Köp oýnawaçlarda bu guş eli gitaraly aýdymçynyň şekilinde görkezilýär. Şeýle hem galam gutularynda, çaga termoslarynda, surat albomlarynyň daşynda hem-de bezeg işlerinde tukanlaryň komediýaly keşplerine duş gelmek bolýar.

**Tukan mahabatlarda**

Tukanlar mahabatda giňden ulanylýar. Ginnes 1930-1940-njy ýyllarda dürli içimlikleriň mahabatynda bu guşlary peýdalandy. Mundan başga-da, körpeler üçin niýetlenen «Froot Loops» markaly ertirlik galla önümleriniň markasynda bu şadyýan guşuň şekili ýerleşdirilipdir. Günorta ýarym şarda görünýän kiçi Magellanik bulutdyny öz içine alýan ýyldyzlar toplumyna hem «tukan» diýlip, Amerikanyň endemik guşunyň ady dakylýar.

## «Guş ganatsyz bolmaz, adam – arzuwsyz»

### SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Durmuşy temada döredilen bu nakylda arzuwlaryň, umytlaryň adamy bagtly durmuşa ýetirýändigi, arzuwsyz ynsanyň bolmaýandygy beýan edilýär. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde: «Arzuw, 1. Adamyň hyýalynda dörän we pikirinde göz öňüne getirilýän zat. 2. Islenýän, hyjuw edip, ýetiljek bolunýan zat» diýlip düşündiriş berilýär. Şundan ugur alsak, arzuw adamyň ýaşaýşa bolan ynamyny we höwesini artdyrýan duýgy. Bu duýgynyň esasynda ynsan geljege tarap ädim ädýär.

Nakylyň manysyny jemlänimizde: guş duş gelýän kynçylyklara garamazdan ganatyny kakyp, ýoluny dowam etdirýär. Dürli synaglardan geçip, barmaly menziline, ýagny arzyly ülkesine ýetýär. Bu ýollary geçmekde oňa ganatlary ýardam edýär. Adamyň hem arzuwlary guşuň ganatyna meňzedilýär. Ynsan durmuşda duş gelýän kynçylyklary arzuw-hyýallary bilen ýeňip geçip, bagtly durmuşa, göz öňüne getirýän geljegine ýetýär.



GAÝYBANA SYÝAHAT

## Hindistanyň Täçmahal ýadygärligi



Hindistanyň demirgazygyndaky Agra şäherinde ýerleşýän esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri bolan Täçmahal ýadygärligi dünýäniň iň owadan binalarynyň biri hasaplanýar. Bezeg aýratynlyklary, haýran galdyryjy ak mermer sütünleri hem-de Ýamuna derýasynyň kenaryndaky owadan baglary bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýän bu ýadygärlik 22 ýylda gurlupdyr. Muny Täçmahalyň howlusyndaky 4 gümmezden başga-da, depesindäki 22 sany kiçiräk gümmez bilen baglanyşdyrýarlar. Taryhy maglumatlara görä, bu ýadygärligi Şah Jahan merhum aýaly Mumtaz Mahalyň hatyrasyna gurdurýar. Täçmahal ybadathana ýa-da köşk däl-de, ýadygärlikdir. Täçmahalyň girelgesine ýakyn ýerde bir metjit, mejlisler zaly we muzeý bar. Syýahatçylar ilki muzeý bilen tanyşýarlar. Bu ýerde Täçmahalyň taryhyny gürrüň bermek bilen bir hatarda, ony döretmekdäki gurluşyk meýilnamalary hem görkezilýär.

Köplenç «Aýýagty baglary» diýlip atlandyrylýan Mehtab baglary giň otluk meýdanlary, pastel reňkli gülleri hem-de hoşboý ysly gülleýän gyrymsy agaçlary bilen Täçmahalyň görküne görk goşýar. Bu ýeri, esasan hem, Gün ýaşyp barýarka synlanyňda has owadan görünýär. Agşamyna Ýamuna derýasynda gaýykly gezelençler hem guralýar. Ýadygärlikdäki ünsi çekýän zatlaryň ýene biri hem hanym Dianany̆ (Diana Lady) oturgyjy bolup, ol esasy binanyň merkezindäki meýdançada ýerleşýär. 1992-nji ýylda Hindistana eden saparynyň dowamynda Uels şazadasynyň aýaly Diana oturgyçda oturyp Täçmahalyň öňünde surata düşüpdir. Şondan soň bu oturgyçda oturyp surata düşmek ýörgünli däbe öwrülýär. Täçmahalyň esasy binasynyň içinde Mumtaz Mahala we Şah Jahana bagyşlanan mermer kenotaflar (kiçiräk gümmez) bolup, Gündogaryň binagärlik nagyşlary hem-de bezeg aýratynlyklary bilen tanyşmaga mümkinçilik döreýär. Ýöne ýadygärligiň içine köwşüňi çykaryp girmeli. Şeýle hem bu ýerde surata düşmek, toplumyň çäginde iýip-içmek, gulaklykda ýa-da şeýle aýdym diňlemek gadagan edilýär. Ýadygärlige her gün 30 müň töweregi syýahatçy gelýär. Täçmahal ýadygärlikler toplumy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen, bezeg aýratynlyklary bilen tapawutlanýan dünýäniň ýedi täsinliginiň biridir.



**Haýsy derwezeden girmeli?**

Täçmahal ýadygärlikler toplumynyň üç sany: Günbatar, Gündogar we Günorta derwezesi bar. Ýadygärligiň iň köp girilýän nokady Günbatar derweze bolup, bu ýerli ilata niýetlenendir. Jahankeşdeler üçin iň ýakyn girelge Gündogar derweze hasaplanýar. Günorta girelge bolsa Täçmahala girmek üçin iň az ulanylýan derwezedir. Mundan başga-da, bezeg aýratynlygy, owadanlygy, binagärlik gurluşy bilen tapawutlanýan «Darwaza-e-Rauza» (Şa derwezesi) derwezesi syýahatçylaryň iň köp surata düşýän ýeridir. Bu ýadygärligiň esasy derwezesi bolup, haşamlanan zaldan soň esasy bina tarap uzalyp gidýär.

**Täçmahalyň öýkünme nusgalary**

Dünýäniň birnäçe ýerinde ýedi täsinligiň biri bolan Täçmahalyň nusgalary bina edilipdir. Bangladeşde, Hytaýda, Indoneziýada, Kuweýtde hem-de Birleşen Arap Emirliklerinde bu ýadygärligiň öýkünme binalary bar.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Murakaminiň täze romany çykar

Görnükli häzirki zaman ýapon ýazyjysy Haruki Murakaminiň täze romany aprel aýynda satuwa çykar. Bu barada «Shinchosha» neşirýaty habar berdi. Täze eseriň ady heniz gizlin saklanýar. Kitap 13-nji aprelde kitap dükanlaryna ýaýrar. Onuň göwrümi 1200 sahypa, bahasy 2970 ýen (22 dollar) bolar. Kitabyň çap edilen görnüşi bilen bir wagtda onuň elektron görnüşi hem satuwa çykarylar.

Bu Murakaminiň soňky alty ýylyň içinde ýazan ilkinji romanydyr. Ýazyjynyň öňki eseri «Serkerdäniň janyna kast edilmegi» ady bilen 2017-nji ýylyň fewralynda neşir edilipdi. Haruki Murakaminiň eserleri 40-dan gowrak dile terjime edildi. Ýazyjynyň «Goýun awy», «Norwegiýa tokaýlygy», «Tow berilýän guşuň ýazgylary», «Deňiz kenaryndaky Kafka», «1Q84» ýaly romanlary hem meşhurdyr. Murakami edebiýat boýunça Nobel baýragyna birnäçe gezek dalaşgär görkezildi.



# Gamzatow adyndaky medal döredildi

Dagystanda şahyr Resul Gamzatowyň adyna medal döredildi. Bu medal medeniýet, sungat, bilim, ynsanperwerlik we edebiýat pudagyndaky aýratyn üstünlikleri, medeni we taryhy mirasy öwrenmäge we gorap saklamaga, medeni gatnaşyklary ösdürmäge we berkitmäge goşan goşandy üçin belli şahsyýetlere gowşurylar.

Resul Gamzatow 1923-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda Dagystanyň Sada obasynda dünýä indi. Onuň galamyndan awar we rus dillerinde ýazylan onlarça şahyrana, proza we publisistik eserler çykdy. Şahyryň goşgularynyň köpüsine aýdym döredildi. Olaryň arasynda söweşlerde gurban bolan esgerlere bagyşlanan meşhur «Durnalar» diýen aýdym bar. Gamzatow 2003-nji ýylyň 3-nji noýabrynda aradan çykdy we Mahaçkalanyň golaýyndaky Tarki-Tau dagynyň etegindäki musulman gonamçylygynda jaýlandy.



Resul Gamzatowyň doglan gününiň 100 ýyllygy 2023-nji ýylda Russiýanyň ähli sebitinde belleniler. Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda, şahyryň ýubileýini bellemek üçin guramaçylyk komitetiniň düzümi tassyklandy. Ýubileý dabaralarynyň esasy meýilnamasy köpçülikleýin medeni, aň-bilim, ylmy we amaly ýaly 40-dan gowrak çäräni öz içine alýar.

Dagystan Respublikasynyň medeniýet ministri Zarema Butaýewanyň aýtmagyna görä, Gamzatowyň doglan gününiň 100 ýyllygyny bellemegiň çäginde edilmeli işler resmi taýdan tassyklandy we ýubileýi bellemek üçin federal we respublikan meýilnamalar kabul edildi. Resul Gamzatow ýylynyň resmi açylyşy 21-nji fewralda Mahaçkaladaky Rus drama teatrynyň Uly zalynda bolar.

# Paýhaslar

☑ Söýgini güýç bilen gazanyp bolmaýar, söýgini diläp ýa-da ýalbaryp alyp bolmaýar. Ol çagyrylmadyk we garaşylmadyk ýagdaýda ýokardan gelýär.

*Bak Perl Saýdenstriker.*

☑ Siz gorkýan adamyňyzy ýa-da sizden gorkýan birini söýüp bilmersiňiz.

*Mark Tully Siseron.*

☑ Söýmek birek-birege seretmek däl, söýmek diýmek bilelikde bir ugra seretmekdir.

*Antuan de Sent-Ekzýuperi.*

☑ Söýmek ýürek bilen ýaşamak diýmekdir.

*Žan-Batist Anri Lakorder.*

☑ Söýmek başga biriniň bagtynda öz bagtyňy tapmakdyr.

*Gotfrid Wilgelm Leýbnis.*

☑ Söýmek diýmek özümizdäki we töweregimizdäki müňlerçe päsgelçiliklere garşy ýadawsyz göreşmek diýmekdir.

*Žan Anuý.*

☑ Söýmek söýýän adamyň durmuşyny ýaşamakdyr.

*Lew Tolstoý.*

☑ Söýýän adam söýýäniniň ykbalyny paýlaşmalydyr.

*Mihail Bulgakow.*

☑ Söýgi adamy tanap bolmajak derejede üýtgedip biler.

*Publiý Terensiý Afr.*

☑ Söýgi elmydama kalbyň çuňlugyndan gelýär, hemişe adamlary birleşdirýär we hiç haçan bölünmeýär.

*Patti Sendi.*

☑ Söýgi sizi ýakmagy bes edensoň, beýleki adamlar üşäp başlaýar.

*Winsent de Pol.*

*Toplan* **Käbejan OMAROWA,**
*Boldumsaz etrap merkezi kitaphanasynyň Bitarap Türkmenistan geňeşligindäki şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Pýesanyň awtory anyklandy

Emeli aň häzirki wagtda awtory näbelli bolan «Fransuz gyzy Laura» atly pýesany kimiň döredendigini kesgitledi. Eseriň golýazmasy Ispaniýanyň Milli kitaphanasynda saklanýar. Netijede, awtory näbelli golýazmanyň eýesiniň meşhur ispan dramaturgy Lope de Wegadygy (1562–1635) belli boldy. Bu barada «EL Pais» neşiri Barselonanyň Awtonom uniwersitetiniň saýtyna salgylanyp habar berdi.

Emeli aň Ispan Altyn asyry (XVI —XVII asyryň başlary) döwrüniň beýleki ýüzlerçe komediýalarynyň ýazgylaryny deňeşdirdi. «Fransuz gyzy Laura» atly pýesa bilen ýakynlyk Lope de Weganyň beýleki eserleri öwrenilende ýüze çykaryldy. Olaryň ählisinde-de birmeňzeş şygyr ölçegi ulanylypdyr.



Pýesanyň düýp golýazmasy saklanmandyr. «Fransuz gyzy Laura» biziň döwrümize asyl nusgadan XVII asyr bilen senelenýän göçürme görnüşinde ýetipdir.

Lope de Wega – ispan şahyry, prozaçy we dramaturg, Ispaniýanyň Altyn asyr döwrüniň görnükli wekili. Ol 1562-nji ýylda senetçiniň maşgalasynda dogulýar. Çagalyk döwründen edebi döredijilik bilen meşgullanyp başlaýar.

**Laçyn IŞANGULYÝEWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B. Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Garriniň ýatlamalary satuwda

Habar beriş serişdeleri, gazanylan pul mukdary we satylan nusgalar babatda Şazada Garri bilen Garri Potteriň arasyndaky bäsleşigi deňeşdirmegi dowam etdirýär. ABŞ-da Sasseks gersogynyň ýatlamalarynyň ilkinji satuwy Joan Roulingiň islendik kitabyndan öňe geçse-de, dünýä derejesinde alanyňda, Garri Potter öňdeligi eýeleýär.

Şazada Garriniň «Ätiýaçdaky» atly kitabynyň satuwy başlandan soň ilkinji 24 sagadyň dowamynda ABŞ-daky ähli nusgalary (gaty we ýumşak sahaply kagyz nusgalary, elektron görnüşleri we audio kitaplary) 1,4 million nusgada satyldy. Az salymdan göçgünli ýagdaý gowşap, ilkinji hepdede neşirçiler 3,2 million kitap satylandygyny mälim etdiler. Öz gezeginde 2007-nji ýylda Joan Roulingiň «Garri Potter we bakyýetiň peşgeşi» atly kitaby ilkinji hepdede, takmynan, 10 million nusgada satylypdy.




Şazada Garriniň «Ätiýaçdaky» atly ýatlamalar kitaby geçen aýyň başynda Beýik Britaniýada satuwa çykaryldy. Şazada Garri kitapda ejesi Dianany pajygaly ölümi, maşgalasy bilen gatnaşyklary, gulluk eden günleri we beýlekiler barada gürrüň berýär. Kitabyň bahasy 18-24 funt sterling aralygynda üýtgeýär. Meşhur amerikan žurnalisti, ýazyjysy, Pulitser baýragynyň eýesi Jon Jozef Moringer Sasseks gersogyna öz başdan geçirenlerini çeper dilde beýan etmäge ýardam berdi.



● **DIKLIGINE:** **1.** Düýe süýdünden taýýarlanýan önüm. **2.** «Garaňky öýde gaplaň gürlär» (matal). **3.** Gawun, garpyz we ş.m önümleriň daşky gaty gabygy. **4.** Däri-derman. **5.** ...-namys. **6.** Gara öýüň üstki bölegini emele getirýän uzyn inçe agaç. **7.** Fransuz filosofy Žak .... **8.** Gaýra goýulmasyz, wajyp. **9.** Suratçy, nagyş bilen bezeýji. **11.** Talap, ygtyýar. **12.** Ownuk däl. **16.** Tizlik ölçeýji enjam. **17.** Umyt, isleg. **18.** Äht etmek. **20.** Nota. **22.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **25.** Arynyň bir görnüşi. **26.** Gyz ady. **28.** Çendenaşa, çaksyz. **29.** Utanjaň, çekinjeň. **30.** 16 kilograma deň agyrlyk ölçegi. **32.** Tylla, gyzyl. **35.** Harby ýolbaşçy. **36.** Belki, ähtimal. **38.** «Söwdügim, gül özün para eýlemiş, Reşk ediban ýaňaklaryň ...» (Seýdi). **39.** «Meniň ballym bal goçak, suwlar akar ..., altmyş başly ak öýüň, ýaraşygy sallançak» (hüwdi). **41.** Himiki element. **42.** Nahar taýýarlanýan otag. **43.** Gadymy müsür faraony Hor-.... **46.** «... turan işinden dynar» (nakyl). **47.** Polat zatlary özüne çekýän we itekleýän jisim. **49.** «Badalga» sözüniň iňlisçesi. **51.** Aýawly saklamak. **53.** Arap elipbiýinde bir harp. **54.** Ümlük. **58.** Galla önümi.

● **KESELIGINE:** **1.** Ýurdumyzda bir şäherçe. **6.** «Nan – ..., suw – kiçiden» (nakyl). **10.** Materik. **13.** Dokma dokalanda erşiň içinden geçirilýän ýüp. **14.** Kiçiräk motorsyz gaýyklary sürmek üçin boýy iki metrden uzynrak, ujy ýasy gural. **15.** Ýer şarynyň Demirgazyk polýar sebiti. **19.** Ýasy materik. **21.** Türkiýäniň paýtagty. **23.** ...-nyşan. **24.** Gadymy grek halky. **27.** Ýigit, garry däl. **28.** Iş-alada bilen ýetişiksiz ýagdaýda aljyrap ýören, aljyraňňy. **30.** Äpişge. **31.** Tamasyz, ynamsyz. **33.** Gyz ady. **34.** Suratyň bejerilip, çekilip gutarylmadyk nusgasy, sudury. **37.** Bir zat bilen deň derejede hasaplanýan. **40.** Eýranda bir şäher. **42.** Angliýada ýer ölçeg birligi. **44.** Aw guşy. **45.** Ýewropada bir derýa. **48.** Uly käse, gap. **50.** Depregiň bir görnüşi. **52.** Awtobusyň bir görnüşi. **55.** Bedeniň ähli organlaryny we dokumalaryny gan bilen üpjün edýän esasy gan damary. **56.** Daýhan birleşiginiň hem-de obanyň ýerli häkimi. **57.** Pygamberleriň biri. **59.** Gadymy kitap. **60.** Birine ýa-da bir zada baha bermek üçin derňemek.

**9-njy KROSSWORD**

**Dilber HOJAKOWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*




**6-njy SKANWORD**

**Oguljahan ORAŞOWA,** *Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

7-nji krosswordyň jogaby:



8-nji krosswordyň jogaby:



5-nji skanwordyň jogaby:



## Bir sözlemde...

Kataryň futbol boýunça milli ýygyndysynyň baş tälimçiligine 69 ýaşyndaky portugaliýaly Karloş Keýroş wezipä bellenilip, ispaniýaly Feliks Sançesiň ornuna geçen hünärmen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

MMA boýunça Awstraliýanyň Pert şäherinde «UFC 284» ady bilen geçirilen duşuşyklaryň birinde ýeňil agramda russiýaly Islam Mahaçew awstraliýaly Aleksander Wolkanowskini 5-nji raundda eminleriň biragyzdan gelen netijesi (48:47, 48:47, 49:46) boýunça ýeňlişe sezewar edip, 25-nji duşuşygynda 24-nji ýeňşini gazandy.

Formula E boýunça möwsümiň 4-nji ýaryşy Hindistanyň Haýdarabad şäherinde geçirilip, «DS Penske» toparynyň fransiýaly sürüjisi Žan-Erik Wern ýeňiş gazanyp, ol awstraliýaly Nik Kassidi («Envision-Jaguar») hem-de portugaliýaly Antonio Feliks de Koştadan («Porsche») öňe saýlandy.

Gonkongda geçirilen halkara marafon ylgaw ýaryşynda erkekleriň arasynda keniýaly Filiomn Kiptoo Kipçuma (02:10:48), zenanlardan efiopiýaly Fantu Etiça Jimma (02:27:30) ýeňiş gazandy.

ABŞ-da geçirilen Dallas Açyk tennis ýaryşynyň finalynda amerikaly Jon Izneri 6:7, 7:6, 7:6 hasaplar bilen ýeňen U Ibin ATP bäsleşiginde çempionlyk gazanan ilkinji hytaýly tennisçi hökmünde hasaba alyndy.

Fransiýanyň Monpelie şäherinde guralan «Open Sud de France» tennis ýaryşynda italiýaly Ýannis Sinner ýeňiş gazanyp, ol finalda amerikaly Maksim Kressiden 7:6 we 6:3 hasaplar bilen üstün çykdy (7-nji çempionlygy).

BAE-niň paýtagtynda geçirilen zenanlaryň arasyndaky Abu Dabi Açyk tennis ýaryşynda şweýsariýaly Belinda Bençiç çempion bolup, ol finalda russiýaly Lýudmila Samsonowany 1:6, 7:6 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

Awstriýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky Linz Açyk tennis ýaryşynyň finalynda russiýaly Anastasiýa Potapowa horwatiýaly Petra Martiçden 6:3 we 6:1 hasaplar bilen üstün çykyp, karýerasyndaky 2-nji çempionlygyny gazandy.

Ispaniýanyň çempionaty «La Liganyň» «Walensiýa» klubunda tälimçi Jennaro Gattuzonyň ornuna toparyň ozalky oýunçylaryndan 47 ýaşyndaky Ruben Baraha wezipä bellendi.

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

**17-nji fewral:** *Sassuolo – Napoli (00:45)*

**18-nji fewral:** *Aston Willa — Arsenal (17:30), Borussiýa M — Bawariýa (19:30), Nottingam – Man. Siti (20:00), Monza — Milan (22:00), Nýukasl — Liwerpul (22:30), Inter — Udineze (00:45), Osasuna — Real Madrid (01:00), Feýenoord — AZ Alkmaar (00:00),*

**19-njy fewral:** *PSŽ – Lill (17:00), Man. Ýunaýted – Lester (19:00), Tottenham – West Ham (21:30), Borussiýa Dortmund – Herta (21:30) Atletiko – Atletik (22:30), Barselona – Kadiz (01:00).*

# UEFA Çempionlar Ligasyna badalga berildi

UEFA Çempionlar Ligasynda 3,5 aý arakesmeden soň 1/8 finalyň duşuşyklaryna badalga berildi. 1/8 finalyň ilkinji 4 duşuşygy oýnalyp, 2 oýunda myhmanlar, 2 oýunda-da ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. Üstün çykan toparlar gol geçirtmezden ýeňiş gazanyp, 3 oýun 1–0 hasabynda tamamlandy.



UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň 2 duşuşygy sişenbe güni oýnalyp, tapgyryň iň esasy duşuşygynda «Bawariýa» myhmançylykda PSŽ-ni 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Esasan hem, 2-nji ýarymy çekeleşikli geçen duşuşygyň ýeke-täk goluny 53-nji minutda PSŽ-niň öňki futbolçysy, fransiýaly Kingsli Koman geçirdi. Ol iki klubuň arasyndaky iň soňky duşuşykda-da, ýagny 2020-nji ýylda oýnalan finalda-da tapawutlanyp, nemes klubuna çempionlyk gazandyrypdy. Oýunda esasy düzümde oýnan PSŽ-li Warren Zaire-Emeri 16 ýaş 343 gün bilen Çempionlar Ligasynyň utulan-çykdy tapgyrynda çykyş eden iň ýaş futbolçy boldy. Duşuşygyň ahyrynda Benžamin Pawar 2-nji sarydan soň gyzyl kart aldy. Oýna 2-nji ýarymda goşulan Kilian Mbappeniň bir goluny ofsaýt sebäpli VAR hasaba almady.





### 10 ÝYLDAN SOŇ ILKINJI ÝEŇŞI

1/8 finalyň ýene bir duşuşygy-da 1-0 hasabynda tamamlanyp, «Milan» öz meýdançasynda «Tottenhamdan» iň kiçi hasap bilen üstün çykdy. 10 ýyldan soň Çempionlar Ligasynyň utulan-çykdy tapgyrynda ilkinji ýeňşini gazanan «Milanyň» ýeke-täk goluny 7-nji minutda Brahim Diaz öz adyna ýazdyrdy. «Milan» soňky gezek 2013-nji ýylda «Barselonany» ýeňipdi. Şeýle-de, bu gol «Milanyň» 2010-njy ýyldan soň iň çalt geçiren goly hökmünde hasaba alyndy. Şol bir wagtyň özünde «Milanyň» Çempionlar Ligasynda geçiren 250-nji goly boldy. Bu iki duşuşygyň jogap oýny 8-nji martda oýnalar.

Çarşenbe günki oýunlarda duşuşan toparlar biri-birleri bilen ilkinji gezek duşuşyk geçirdiler. «Borussiýa Dortmund» topary öz meýdançasynda «Çelsini» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Dortmundlylara ýeňiş getiren ýeke-täk goly 63-nji minutda Karim Adeýemi geçirdi. «Borussiýa Dortmund» soňky 11 oýunda ilkinji gezek iňlis klublarynyň birini ýeňmegi başardy.

### «BENFIKA» ÇÄRÝEK FINALA GOLAÝ

Ilkinji gezek 1/8 finala çykan «Klub Brýugge» öz meýdançasynda «Benfika» bilen duşuşdy. Myhmanlaryň artykmaçlygynda geçen oýunda



portugal kluby 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Çärýek finalyň bosagasyndan ilkinji ädimini äden «Benfikanyň» gollaryny Žoao Mario (51 p) bilen Dawid Neres (88) derwezä girizdi. Jogap duşuşyklary 7-nji martda geçiriler.

## Messimi, Mbappe ýa-da Benzema?



«The Best FIFA Football Awards» baýraklarynyň final sanawynyň dalaşgärleri mälim edildi. Ýagny FIFA 2022-nji ýylyň iň ökdeleri üçin final sanawy mälim edip, ýylyň futbolçysy baýragyna Messi, Mbappe, Benzema dalaşgär görkezildi. Ançelotti, Guardiola, Skaloni iň ökde tälimçi, Kurtua, Martines hem-de Bunu dagy iň ökde derwezeçi baýragynyň dalaşgärligine hödürlendi. Zenan futbolynda-da Bet Mid, Aleks Morgan, Aleksia Putelýa dagynyň arasyndan haýsy hem bolsa biri ýylyň iň ökdesi diýlip saýlanar. Ýeňijiler 27-nji fewralda geçiriljek dabarada mälim ediler.

**ÝYLYŇ ERKEK FUTBOLÇYSY:** Lionel Messi (Argentina) — PSŽ, Kilian Mbappe (Fransiýa) — PSŽ, Karim Benzema (Fransiýa) — «Real Madrid»

**ÝYLYŇ ERKEK TÄLIMÇISI:** Karlo Ançelotti (Italiýa) — «Real Madrid», Lionel Skaloni (Argentina) — Argentinanyň ýygyndysy, Ýosep Guardiola (Ispaniýa) — «Mançester Siti»

**ÝYLYŇ ERKEK DERWEZEÇISI:** Ýassin Bunu (Marokko) — «Sewilýa», Emiliano Martines (Argentina) — «Aston Willa», Tibo Kurtua (Belgiýa) — «Real Madrid»

**ÝYLYŇ ZENAN FUTBOLÇYSY:** Bet Mid (Angliýa) — «Arsenal», Aleks Morgan (ABŞ) — «San Diego Weýw», Aleksia Putelýa (Ispaniýa) — «Barselona»

**ÝYLYŇ ZENAN TÄLIMÇISI:** Sonia Bompastor (Fransiýa) — «Lion», Pia Sanheýj (Şwesiýa) — Braziliýanyň ýygyndysy, Sarina Wigman (Niderlandlar) — Angliýanyň ýygyndysy

**ÝYLYŇ ZENAN DERWEZEÇISI:** Ann-Katrin Berger (Germaniýa) — «Çelsi», Meri Irps (Angliýa) — «Mançester Ýunaýted», Kristiane Adler (Çili) — «Lion»

**ÝYLYŇ OWADAN GOLY – PUŞKAŞ BAÝRAGY:** Rişarlison (Braziliýa), Dimitri Paýet (Fransiýa), Marçin Oleksi (Polşa)

## Soňky 4 ýyldaky 2-nji çempionlygy

Amerikanyň Milli futbol ligasynyň (NFL) finaly bolan «Super Bowl» duşuşygy Arizonada geçirildi. 57-nji «Super Bowl» duşuşygynda («Super Bowl LVII») «Kanzas Siti Çifs» bilen «Filadelfiýa Iglz» toparlary duşuşdy. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji çärýegi 7:7 deňlikde gutardy. 2-nji çärýekde filadelfiýalylar 17:7 öňe saýlandy. 3-nji çärýek «Kanzas Siti» toparynyň peýdasyna tamamlandy (7:3). 4-nji çärýekde 17:8 ýeňiş gazanan «Kanzas Siti Çifs» topary umumy hasapda 38:35 öňe saýlanyp, «Super Bowl» kubogyny eýelemegi başardy. Şunlukda «Kanzas Siti Çifs» topary soňky 4 ýylda 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek «Super Bowl» kubogyny gazandy (1969, 2019, 2022). Duşuşygyň iň gymmatly oýunçysy diýlip, ýeňiş gazanan toparyň ýyldyzy Patrik Mahomes saýlandy.

2017-nji ýylda çempionlyk gazanan «Filadelfiýa Iglz» topary-da 1981-nji we 2005-nji ýyllardan soň 3-nji gezek «Super Bowl» duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy.

ABŞ-da uly şowhun hasaplanýan «Super Bowl» duşuşygyna bu ýyl teleýaýlym arkaly 113 million adam tomaşa



etdi. Duşuşygyň arakesmesinde dünýä belli aýdymçy Rihanna stadiona ýygnanlara kiçeňräk konsert berdi. «Super Bowl» diňe bir amerikan futboly duşuşygy bolman, eýsem, ýurduň ykdysadyýetine-de az hem bolsa özüniň goşandyny goşýan çäre hasaplanýar. Duşuşygyň dowam edýän mahaly mahabatlaryň 30 sekundynyň bahasy 7 million dollara çenli baryp ýetýär.

## Tanakyň möwsümdäki ilkinji ýeňşi

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 2-nji ýaryşy Şwesiýada geçirilip, estoniýaly Ott Tanak ýeňiji boldy. «M-Sport Ford» toparynyň sürüjisi Ott Tanak 892,98 kilometr aralygy 2 sagat 25 minut 54,5 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki ilkinji, karýerasyndaky 18-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda 2-nji we 3-nji ýerleri «Hyundai Shell Mobis» toparynyň britaniýaly sürüjisi Kreýg Brin bilen belgiýaly Tierri Noýwill eýeledi. Brin Tanakdan 18,7 sekunt, Noýwill bolsa 20 sekunt yza galdy. Geçirilen 2 ýaryşdan soň Ott Tanak 41 utuk



bilen 1-nji orny eýeleýär. Geçen ýylyň çempiony Kalle Rowanpera 38 utuk bilen 2-nji, Tierri Noýwill 32 utuk toplap, 3-nji orunda barýar.

Möwsümiň 3-nji ýaryşy 16–19-njy mart aralygynda Meksikanyň Leon şäherinde geçiriler.

# «Real Madridiň» 99-njy kubogy

Marokkoda geçirilen 19-njy FIFA Klublararasy Dünýä Kubogy garaşylyşy ýaly «Real Madridiň» çempionlygy bilen tamamlandy. Paýtagt Rabatdaky Şazada Mulaý Abdellahyň adyny göterýän stadionda oýnalan finalda angliýaly Antoni Teýlor jürlewük çalyp, duşuşyga 44 439 janköýer tomaşa etdi. «Real Madrid» bilen «Al-Hilalyň» arasynda çekeleşikli geçen






duşuşykda janköýerler 8 goluň şaýady boldular. Şol gollaryň has köprägini geçiren «Real Madrid» 5–3 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşygyň 13-nji minutynda Winisius Junior hasaby açsa, 5 minutdan soň Federiko Walwerde aratapawudy 2-ä çykardy. 26-njy minutda arap kluby geçirden 2 golunyň biriniň öwezini dolmagy başardy. Malili hüjümçi Mussa Marega hasaby 2–1-e ýetirdi. Toparlar bu hasap bilen arakesmä çykdy. 2-nji ýarymda «Real Madrid» ýene-de yzly-yzyna 2 gol geçirdi. 54-nji minutda Winisius Junioryň pasyndan soň Karim Benzema, 58-nji minutda-da Walwerde duşuşykda 2-nji goluny derwezä girizdi. 63-nji minutda «Al-Hilalyň» argentinaly ýyldyzy Lusiano Wietto araplary az-owlak umytlandyrsa-da, 69-njy minutda oýnuň gahrymany Winisius Junior arap toparynyň derwezesinden 5-nji goly geçirdi. Bu goldan 10 minut soň Wietto ýene bir gezek tapawutlandy. Bu goldan soň hasaby deňlemek üçin az-owlak umytlanan arap klubuna arzuwyna ýetmek başartmady. Netijede, 5-3 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» topar 2014-nji, 2016-njy, 2017-nji we 2018-nji ýyllardan soň FIFA-nyň bu kubogyny gazanyp, öz rekordyny ösdürdi. Bu kubok toparyň taryhyndaky 99-njy kubok hökmünde hasaba alyndy. 68 kubogy Ispaniýanyň çäginde gazanan madridliler 31 kubogy-da halkara ýaryşlarda asmana göterdiler. «Real Madrid» esasy bäsdeşi «Barselonadan» 1 kubok öňe saýlandy. Tälimçi Karlo Ançelotti bolsa klubdaky 9-njy, tälimçiligindäki 25-nji kubogyny gazandy. Ýewropanyň klublary yzly-yzyna 10-njy, umumylykda-da 15-nji gezek FIFA-nyň bu kubogyny eýelemegi başardy.

Ýaryşda 3-nji ýeri brazil kluby «Flamengo» eýeläp, olar bu ugurda Müsüriň «Al Ahli» toparyny Gabriel Barbosa (11 p, 85 p) hem-de Pedronyň (77, 90+1) gollary bilen 4-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Al Ahli» toparynyň gollarynyň ikisini-de Abdel Kader (38, 60) öz adyna ýazdyrdy.

Bäsleşigiň «Altyn top» baýragyna Winisius Junior, «Kümüş top» baýragyna Federiko Walwerde, «Bürünç top» baýragyna-da Lusiano Wietto mynasyp boldy. 4 gol geçiren braziliýaly Pedro ýaryşyň iň netijeli futbolçysy hökmünde ykrar edildi.



# Kristiano Ronaldo 4 gol geçirdi

**Super ýyldyz Kristiano Ronaldo täze yklymyna, täze çempionatyna, täze klubuna kem-kemden öwrenişip başlan ýaly. 16-njy tapgyryň çäginde «Al Nassr» kluby myhmançylykda «Al Wahda» topary bilen duşuşdy. Duşuşykda myhmanlar super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň pokeri, ýagny 4 goly bilen 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 38 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy oýnuň 21-nji, 40-njy, 53-nji (p) hem-de 61-nji minutlarynda tapawutlandy. Şunlukda, Ronaldo karýerasyndaky 61-nji hetrigini etmegi başardy. Onuň geçiren bu gollary ýyldyz oýunçynyň milli çempionatlardaky 500-nji, 501-nji, 502-nji hem-de 503-nji gollary hökmünde hasaba alyndy. Ronaldonyň Saud Arabystanynyň çempionatyndaky gollarynyň sany 5-e ýetdi.**

### PREMIER LEAGUE (23) — 26 gol

**West Ham—Çelsi: 1–1** (Emerson 28 — Feliks 16), **Arsenal—Brentford: 1–1** (Trossar 66 — Touni 74), **Kristal Palas—Braýton: 1–1** (Tomkins 70 — Març 63), **Bornmut—Nýukasl: 1–1** (Senesı 30 — Almiron 45+2), **Lester—Tottenham: 4–1** (Mendi 23, Maddison 25, Iheanaço 45+4, Barns 81 — Bentankur 14), **Fulham—Nottingam: 2–0** (Willian 17, Solomon 88), **Southempton—Wulwerhempton: 1–2** (Alkaras 24 — Bednarek 73 ö.d., Žoao Gomes 87), **Lids—Man. Ýunaýted: 0–2** (Reşford 80, Garnaço 85), **Man. Siti—A. Willa: 3–1** (Rodri 4, Gündogan 39, Mahrez 45+1 p — Watkins 61), **Liwerpul—Ewerton: 2–0** (Salah 36, Gakpo 49)

### LA LIGA (21) — 25 gol

**Kadiz—Žirona: 2–0** (Eskalante 6, Guardiola 34), **Almeriýa—Betis: 2–3** (Luis Suares 27, Samu Koşta 63 — Rodri Sançes 6, Kanales 42, Guardado 70), **Sewilýa—Malýorka: 2–0** (En-Nesiri 28, Hill 40), **Walensiýa—Atletik: 1–2** (Kastilieho 17 — Niko Williams 30, Sanset 72), **Hetafe—Raýo Wallekano: 1–1** (Ünal 77 — Arambarri 38 ö.d.), **Selta—Atletiko: 0–1** (Depaý 89), **Walýadolid—Osasuna: 0-0, Wilýarreal—Barselona: 0–1** (Pedri 18), **Espanýol—R. Sosiedad: 2–3** (Darder 74, Oliwan 87 — Kubo 23, Serlot 51, Kabrera 63 ö.d.), **Real Madrid—Elçe: 4–0** (Asensio 8, Benzema 31 p, 45+1 p, Modriç 80)

### SERIE A (22) — 19 gol

**Milan—Torino: 1–0** (Žiru 62), **Empoli—Spesiýa: 2–2** (Kambiagi 71, Winiatto 90+4 — Werde 25 p, 31), **Leççe—Roma: 1–1** (Ibanýes 7 ö.d. — Dibala 17 p), **Lasio—Atalanta: 0–2** (Zappakosta 23, Hoýlunn 65), **Udineze—Sassuolo: 2–2** (Udoji 1, Biýol 28 — Henrike 6, Perez 45+1 ö.d.), **Bolonýa—Monza: 0–1** (Donati 25), **Ýuwentus—Fiorentina: 1–0** (Rabio 34), **Napoli—Kremoneze: 3–0** (Kwarasheliýa 22, Osimhen 65, Elmas 79), **Werona—Salernitina: 1–0** (Ngong 31), **Sampdoriýa—Inter: 0–0**

### LIGUE 1 (23) — 28 gol

**Nissa—Aýaçço: 3–0** (Dante 3, Braimi 69, 90), **Monako—PSŽ: 3–1** (Golowin 4, Ben Ýedder 18, 45+1 — Zair-Emeri 39), **Klermon—Marsel: 0–2** (Sançes 43 p, 81), **Tuluza—Renn: 3–1** (Ratao 26, Abuhlýal 27, Dallinga 37 — Ruo 55 ö.d.), **Anže—Oser: 1–1** (Raweloson 2 ö.d. — Ablin 22 p), **Lill—Strasbur: 2–0** (Dewid 23 p, 28), **Monpelie—Brest: 3–0** (Herrell 4 ö.d., Sawanie 17 p, Wai 54), **Reýms—Trua: 4–0** (Munesti 10, Maolida 45, Balogun 50, Kaýuste 82), **Nant—Loriýan: 1–0** (Blas 66), **Lion—Lans: 2–1** (Lakazett 23, Şerki 64 — Maçado 39)

### BUNDESLIGA (20) — 27 gol

**Şalke—Wolfsburg: 0–0, Werder—Borussiýa D: 0–2** (Baýnou-Gittens 67, Brandt 85), **Maýns—Augsburg: 3–1** (Li Že Son 21, 52, Onisiwo 24 — Demirowiç 28 p), **Hoffenhaým—Baýer: 1–3** (Nsoki 77 — Andrih 6, Diabi 47, Gložek 56), **Fraýburg—Ştutgart: 2–1** (Grifo 60 p, 84 p — Fürih 30), **Bawariýa—Bohum: 3–0** (Müller 41, Koman 64, Gnabri 73 p), **Leipsig—Union Berlin: 1–2** (Henrihs 24 – Haberer 61, Knohe 72 p), **Herta—Borussiýa M: 4–1** (Ngankam 30, Dardai 52, Şerhant 90+1, Lukebakio 90+6 p — Elwedi 17), **Köln—Aýntraht: 3–0** (Hübers 49, Shiri 71, 86)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 23 | 16 | 3 | 4 | 59-23 | 51 |
| 2 | ARSENAL | 22 | 16 | 3 | 3 | 47-21 | 51 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 23 | 14 | 4 | 5 | 38-28 | 46 |
| 4 | NÝUKASL | 22 | 10 | 11 | 1 | 35-13 | 41 |
| 5 | TOTTENHAM | 23 | 12 | 3 | 8 | 42-35 | 39 |
| 6 | BRAÝTON | 21 | 10 | 5 | 6 | 39-28 | 35 |
| 7 | FULHAM | 23 | 10 | 5 | 8 | 34-30 | 35 |
| 8 | BRENTFORD | 22 | 8 | 10 | 4 | 36-29 | 34 |
| 9 | LIWERPUL | 21 | 9 | 5 | 7 | 36-28 | 32 |
| 10 | ÇELSI | 22 | 8 | 7 | 7 | 23-22 | 31 |
| 11 | ASTON WILLA | 22 | 8 | 4 | 10 | 26-34 | 28 |
| 12 | K. PALAS | 22 | 6 | 7 | 9 | 20-30 | 25 |
| 13 | LESTER | 22 | 7 | 3 | 12 | 36-38 | 24 |
| 14 | NOTTINGAM | 22 | 6 | 6 | 10 | 17-37 | 24 |
| 15 | W. HEMPTON | 22 | 6 | 5 | 11 | 17-31 | 23 |
| 16 | WEST HAM | 22 | 5 | 5 | 12 | 19-27 | 20 |
| 17 | LIDS | 22 | 4 | 7 | 11 | 28-38 | 19 |
| 18 | EWERTON | 22 | 4 | 6 | 12 | 16-30 | 18 |
| 19 | BORNMUT | 22 | 4 | 6 | 12 | 20-44 | 18 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 22 | 4 | 3 | 15 | 18-40 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 26 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 17 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 14 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 12 |
| 5 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 11 |

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 21 | 18 | 2 | 1 | 43-7 | 56 |
| 2 | REAL MADRID | 21 | 15 | 3 | 3 | 44-17 | 48 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 21 | 13 | 3 | 5 | 31-21 | 42 |
| 4 | ATLETIKO | 21 | 11 | 5 | 5 | 30-17 | 38 |
| 5 | BETIS | 21 | 10 | 4 | 7 | 27-22 | 34 |
| 6 | R. WALLEKANO | 21 | 9 | 6 | 6 | 28-23 | 33 |
| 7 | ATLETIK B | 21 | 9 | 5 | 7 | 31-22 | 32 |
| 8 | WILÝARREAL | 21 | 9 | 4 | 8 | 22-18 | 31 |
| 9 | OSASUNA | 21 | 8 | 6 | 7 | 19-19 | 30 |
| 10 | MALÝORKA | 21 | 8 | 4 | 9 | 16-20 | 28 |
| 11 | ŽIRONA | 21 | 6 | 6 | 9 | 27-31 | 24 |
| 12 | SEWILÝA | 21 | 6 | 6 | 9 | 23-29 | 24 |
| 13 | WALÝADOLID | 21 | 7 | 3 | 11 | 15-28 | 24 |
| 14 | SELTA | 21 | 6 | 5 | 10 | 22-33 | 23 |
| 15 | ALMERIÝA | 21 | 6 | 4 | 11 | 25-34 | 22 |
| 16 | KADIZ | 21 | 5 | 7 | 9 | 17-33 | 22 |
| 17 | ESPANÝOL | 21 | 4 | 9 | 8 | 26-33 | 21 |
| 18 | WALENSIÝA | 21 | 5 | 5 | 11 | 26-26 | 20 |
| 19 | HETAFE | 21 | 4 | 7 | 10 | 18-28 | 19 |
| 20 | ELÇE | 21 | 1 | 6 | 14 | 15-44 | 9 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 14 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 11 |
| 3 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 11 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 9 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 9 |

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 22 | 19 | 2 | 1 | 54-15 | 59 |
| 2 | INTER | 22 | 14 | 2 | 6 | 41-26 | 44 |
| 3 | ATALANTA | 22 | 12 | 5 | 5 | 41-24 | 41 |
| 4 | ROMA | 22 | 12 | 5 | 5 | 29-19 | 41 |
| 5 | MILAN | 22 | 12 | 5 | 5 | 38-30 | 41 |
| 6 | LASIO | 22 | 11 | 6 | 5 | 37-19 | 39 |
| 7 | TORINO | 22 | 8 | 6 | 8 | 22-23 | 30 |
| 8 | UDINEZE | 22 | 7 | 9 | 6 | 30-25 | 30 |
| 9 | ÝUWENTUS | 22 | 13 | 5 | 4 | 34-17 | 29 |
| 10 | MONZA | 22 | 8 | 5 | 9 | 28-30 | 29 |
| 11 | BOLONÝA | 22 | 8 | 5 | 9 | 28-32 | 29 |
| 12 | EMPOLI | 22 | 6 | 9 | 7 | 21-28 | 27 |
| 13 | LEÇÇE | 22 | 5 | 9 | 8 | 22-25 | 24 |
| 14 | FIORENTINA | 22 | 6 | 6 | 10 | 23-29 | 24 |
| 15 | SASSUOLO | 22 | 6 | 6 | 10 | 26-33 | 24 |
| 16 | SALERNITANA | 22 | 5 | 6 | 11 | 25-42 | 21 |
| 17 | SPESIÝA | 22 | 4 | 7 | 11 | 19-37 | 19 |
| 18 | WERONA | 22 | 4 | 5 | 13 | 20-33 | 17 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 22 | 2 | 5 | 15 | 10-36 | 11 |
| 20 | KREMONEZE | 22 | 0 | 8 | 14 | 15-40 | 8 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 17 |
| 2 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 12 |
| 3 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 9 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 9 |

FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 23 | 17 | 3 | 3 | 55-20 | 54 |
| 2 | MARSEL | 23 | 15 | 4 | 4 | 45-20 | 49 |
| 3 | MONAKO | 23 | 14 | 5 | 4 | 51-30 | 47 |
| 4 | LANS | 23 | 13 | 7 | 3 | 35-18 | 46 |
| 5 | LILL | 23 | 12 | 5 | 6 | 40-27 | 41 |
| 6 | RENN | 23 | 12 | 4 | 7 | 42-28 | 40 |
| 7 | NISSA | 23 | 10 | 7 | 6 | 30-21 | 37 |
| 8 | LORIÝAN | 23 | 10 | 6 | 7 | 35-35 | 36 |
| 9 | LION | 23 | 10 | 5 | 8 | 35-25 | 35 |
| 10 | REÝMS | 23 | 7 | 12 | 4 | 30-26 | 33 |
| 11 | TULUZA | 23 | 9 | 5 | 9 | 39-39 | 32 |
| 12 | KLERMON | 23 | 8 | 6 | 9 | 24-31 | 30 |
| 13 | NANT | 23 | 6 | 10 | 7 | 24-26 | 28 |
| 14 | MONPELIE | 23 | 7 | 2 | 14 | 34-45 | 23 |
| 15 | BREST | 23 | 4 | 8 | 11 | 24-38 | 20 |
| 16 | TRUA | 23 | 4 | 7 | 12 | 33-52 | 19 |
| 17 | STRASBUR | 23 | 3 | 9 | 11 | 27-41 | 18 |
| 18 | AÝAÇÇO | 23 | 5 | 3 | 15 | 18-42 | 18 |
| 19 | OSER | 23 | 3 | 6 | 14 | 19-47 | 15 |
| 20 | ANŽE | 23 | 2 | 4 | 17 | 19-48 | 10 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 15 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 14 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 14 |
| 4 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 14 |
| 5 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 20 | 12 | 7 | 1 | 59-18 | 43 |
| 2 | UNION BERLIN | 20 | 13 | 3 | 4 | 35-24 | 42 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 20 | 13 | 1 | 6 | 40-26 | 40 |
| 4 | FRAÝBURG | 20 | 11 | 4 | 5 | 32-31 | 37 |
| 5 | LEIPSIG | 20 | 10 | 6 | 4 | 40-26 | 36 |
| 6 | AÝNTRAHT | 20 | 10 | 5 | 5 | 40-29 | 35 |
| 7 | WOLFSBURG | 20 | 8 | 6 | 6 | 38-26 | 30 |
| 8 | BAÝER | 20 | 8 | 3 | 9 | 33-32 | 27 |
| 9 | WERDER | 20 | 8 | 3 | 9 | 31-39 | 27 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 20 | 7 | 5 | 8 | 35-33 | 26 |
| 11 | KÖLN | 20 | 6 | 8 | 6 | 32-31 | 26 |
| 12 | MAÝNS | 20 | 7 | 5 | 8 | 30-32 | 26 |
| 13 | AUGSBURG | 20 | 6 | 3 | 11 | 25-36 | 21 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 20 | 5 | 4 | 11 | 29-39 | 19 |
| 15 | BOHUM | 20 | 6 | 1 | 13 | 24-49 | 19 |
| 16 | HERTA | 20 | 4 | 5 | 11 | 24-36 | 17 |
| 17 | ŞTUTGART | 20 | 3 | 7 | 10 | 23-36 | 16 |
| 18 | ŞALKE | 20 | 2 | 6 | 12 | 14-41 | 12 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 13 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 3 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 11 |
| 4 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 10 |
| 5 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 10 |

# «MANÇESTER SITI» BIRINJI ORNA BEÝGELDI

**Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada»** «Arsenal» Londonyň başga bir kluby «Brentford» bilen 1–1 deňme-deň oýnap, zerur bolan 2 utugy ýitirdi. Çempion «Mançester



Siti» bolsa öz meýdançasynda «Aston Willany» Rodri, Gündogan hem-de Mahreziň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi Iki toparyň arasyndaky 12-nji tapgyrdan galdyrylan oýunda-da «Arsenala» ýene bir ýola «Mançester Sitini» ýeňmek başartmady. «Mançester Sitini» soňky gezek çempionatda 2015-nji ýylda ýeňen «Arsenal» öz meýdançasynda 3–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda «Sitiniň» gollaryny De Bruýne (24), Griliş (72) hem-de Holann (82) geçirdi. «Sitiden» yzly-yzyna 11 oýun utulan «Arsenalyň» ýeke-täk goluny-da penaltiden Saka (42) derwezä girizdi. Geçen ýylyň aprelinden bäri öz meýdançasynda ilkinji gezek utulan «Arsenal» bilen utugyny deňleşdiren 1 oýny artyk «Mançester Siti» sanawyň birinji ornuna beýgeldi. Şunlukda, Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda şu möwsümde ençeme tapgyrdan soň sanawyň lideri üýtgedi.

«Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Lidsden» soňky 10 minutda geçiren gollary esasynda 2–0 üstün çykýar. Duşuşykda toparyň 1-nji goluny geçiren Markus Reşford soňky 15 oýunda 13-nji goluny derwezä girizdi. «Mersisaýd» derbisinde «Ewertony» Salah we Gakponyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Liwerpul», 2023-nji ýyla geçip, ilkinji ýeňşini gazanýar. Transfer möwsüminiň çempiony «Çelsi» London derbisinde ýene-de deňme-deň oýnaýar. «West Ham» bilen 1-1 deňme-deň oýnan «Çelsiniň» goluny täze transfer Žoao Feliks geçirdi.

**Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada»** sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Wilýarreal» bilen duşuşyp, Pedriniň 18-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňdi. Katalonlar şu möwsümde 7-nji gezek 1-0 hasabynda ýeňiş gazanyp, şolaryň 4-sinde ýaş oýunçy Pedriniň ýeke-täk goly topara ýeňiş getirdi. Çempion «Real Madridiň» iň aşaky orunda barýan «Elçe» toparyna nebsi agyrmady. 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan madridlileriň gollaryny Asensio, Benzema (2) hem-de Modriç geçirdi. 3-nji ýerde barýan «Real Sosiedad» myhmançylykda «Espanýoly» 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Atletiko Madrid» myhmançylykda «Seltany» täze transferi Depaýyň 89-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda utdy.

**Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da** arany açmagyny dowam edýän «Napoli» kem-kemden çempionlyga barýar. Öz meýdançasynda «Kremonezeni» Kwarasheliýa, Osimhen hem-de Elmasyň gollary bilen 3–0 ýeňen «Napoli» topary «Interiň» hem utuk ýitirmeginden soň aratapawudy 15-e ýetirdi. Soňky çempion «Milan» hem çempionatda 5 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. Olar öz meýdançasynda Žirunyň ýeke-täk goly bilen «Torinony» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 15 utugy aýrylan «Ýuwentus» hem öz meýdançasynda Rabionyň goly bilen «Fiorentinany» 1–0 utdy.

**Germaniýanyň çempionaty «Bundesligada»** sanawyň lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Bohumy» Müller, Koman we Gnabriniň gollary esasynda 3–0 ýeňdi. Tapgyryň merkezi oýnunda-da «Leipsig» öz meýdançasynda «Union Berlinden» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Çempionlyk üçin göreşýän Dortmundyň «Borussiýa» topary-da myhmançylykda «Werderi» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de** PSŽ şu ýyla geçip, 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Myhmançylykda «Monako» bilen duşuşan parižliler 3–1 hasabynda asgyn geldi. «Monako» toparyna ýeňiş getiren gollary Golowin bilen Ben Ýedder (2) derwezä girizdi. «Marseliň» myhmançylykda «Klermony» 2–0 ýeňen tapgyrynda «Lion» topary «Lansdan» 2–1 üstün çykdy.




TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK»
PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- *Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;*
- *Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;*
- *Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;*
- *Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.*

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**

# 70 ÝYLDAN BÄRI SAHNADAN DÜŞMÄN GELÝÄN OÝUN

**Teatr diýlende, ilkinji bolup, dünýädäki iki merkez — Nýu Ýorkdaky «Broadway» bilen Londondaky «West End» ýadyňa düşýär. Bu iki ýer hemişe biri-biri bilen birnäçe ugur boýunça deňeşdirilýär. Ýöne Londonyň medeniýet-sungat merkezi bolan «West End» bir ugur boýunça hiç hili deňeşdirme kabul etmezden, gürrüňsiz öňdeligi saklaýar.**





**28 müň 915 gezek sahnada goýuldy**

● «West End» teatrlar sebitindäki «St. Martin's» teatrynyň sahnasynda Agata Kristiniň «Syçan gapany» (Mousetrap) atly eseri 70 ýyldan bäri oýnalyp gelýär. Ol dünýäde iň uzak wagtlap sahnadan düşmän gelýän spektakldyr. Detektiw romanlarynyň ussady bolan Agata Kristiniň bu meşhur eseri esasyndagoýlan oýun Londonda ilkinji gezek Ýelizaweta II tagta çykan ýylynda, ýagny 1952-nji ýylda sahnalaşdyrylypdy. Pandemiýa döwrüni hasaba almanyňda, yzygiderli 70 ýyllap oýnalýan bu meşhur spektakl 28 müň 915 gezek sahnalaşdyryldy (2022-nji ýylyň noýabryna çenli alnan hasapda). Şol döwürde 10 milliondan hem köp adam bu oýna tomaşa etdi. Iki görkeziji-de rekorda deň bolup, olar entekler täzelenmese gerek. Sebäbi bu oýundan soň iň köp sahnalaşdyrylan 2 spektakl hem «West End»-iň çäginde bolup, olar Wiktor Gýugonyň meşhur «Terk edilenler» (Les Miserables) bilen Gaston Leronyň «Operadaky arwah» (Le Fantôme de l'Opéra) atly mýuzikal oýunlarydyr. Olaryň birinjisi 38, ikinjisi bolsa 37 ýyldan bäri «West End»-iň repertuaryny bezäp gelýär. «Operadaky arwah» spektaklynyň Nýu Ýorkdaky «Broadway»-de hem 35 ýyldan bäri sahnalaşdyrylyp gelýändigini belläliň.

«Syçan gapany» oýnunyň şunça ýyllap sahnalaşdyryljakdygyny eseriň awtory Agata Kristi hem çak etmändi. Ol oýnuň goýlan ilkinji günlerinde iň köp 8 aý sahnada galar diýipdi. Aslynda, bu oýun ilkinji gezek 1947-nji ýylda «Üç kör syçan» (Three Blind Mice) ady bilen 30 minutlyk radiooýny hökmünde halk köpçüligine ýetirilýär. Şa Jorj V ýanýoldaşy Şa aýaly Meriniň 80 ýaş toýy üçin ýazyjy Kristiden bu eseri radiooýny hökmünde sahnalaşdyrmagy haýyş edýär. Ol hem Şanyň arzuwyny ýerine ýetirýär. «Üç kör syçanyň» hekaýasy 1945-nji ýylda iki doganyň başdan geçiren wakalary esasynda ýazylýar. Şol wagtlar teatryň repertuarynda «Üç kör syçan» atly başga-da spektakl bolany üçin eseriň ady William Şekspiriň meşhur tragediýasy «Gamletden» (Hamlet) esaslanyp «Syçan gapany» diýlip üýtgedilýär.

**Netijäni başga hiç kime aýtmaly däl**

● «Syçan gapany» diňe bir «West End»-iň sahnasyny bezänok. Bu spektakl şu wagta çenli 50-den gowrak ýurtda 27 dile terjime edildi. Hekaýada syrly wakalaryň bolmagy oňa has köp tomaşa edilmeginiň esasy sebäbi hökmünde görkezilýär. «Syçan gapany» eserinde gyşyň sowuk günleriniň birinde Londonda bolup geçen jenaýatçylykly waka barada söhbet açylýar. Dag etegindäki binada gabawda galan adamlaryň arasyndaky jenaýatçy gözlenýär. Kem-kemden dartgynlylyk güýçlenýär, ýagdaý hasam çykgynsyz, çylşyrymly hala öwrülýär. Hakyky jenaýatçy gözlenýän mahaly beýleki adamlaryň hem käbir etmişleriniň üstünden barylýar. Sahnalaşdyrylyp başlan ilkinji gününden bäri oýnuň ahyrynda artistleriň biri tomaşaçylara ýüzlenip, garaşylmadyk netijäniň teatrda galmagy bilen baglanyşykly «Syçan gapanyna» tomaşa eden bolsaňyz, bu ýagdaý siziňem jenaýata şärik bolandygyňyzy aňladýar. Sizden jenaýaty kimiň edendigini öz syryňyz ýaly ýaşyrmagyňyzy haýyş edýäris» diýýär. Şol sebäpli-de hakyky jenaýatçynyň kimdigini bilmek üçin hökman bu oýna tomaşa etmeli bolýar.

**2–3-nji orunlardaky oýunlar**

● 1985-nji ýyldan bäri «Sondheim» teatrynyň sahnasyndan düşmän gelýän «Terk edilenler» 14 müň 495 gezek sahnalaşdyrylýar. Bu mýuzikalyň entekler hem sahnalaşdyrylmagynyň dowam etmegine garaşylýar. Wiktor Gýugonyň epiki romany esasynda sahnada goýulýan mýuzikaldaky wakalar XIX asyrda Fransiýada bolup geçýär. Eseriň 42 ýurtda 22 dilde sahnada goýlandygyny hem belläliň.

3-nji ýerdäki «Operadaky arwah» mýuzikaly bolsa 1986-njy ýyldan bäri «Her Majesty's Theatre» teatrynyň sahnasyndan düşmän gelýär. Bu oýun 14 müň 255 gezek sahnada görkezildi. Ençeme gezek filmi hem surata düşürilen mýuzikalda Parižiň operasynyň işgäri Kristine Daaeniň töwereginde bolup geçen, mümkin däl söýginiň tolgundyryjy hem-de gynançly hekaýasy beýan edilýär. «The Music of the Night», «All I Ask of You», «Think of Me» ýaly nusgawy eserlere öwrülen aýdymlary hem öz içinde jemleýän oýun Londondan başga-da 27 ýurtda 145 şäherde sahnada goýulýar.

**39 teatr bar**

● «West End» sebitinde jemi 39 teatr bolup, ählisi-de ýylyň islendik pasly tutuşlygyna tomaşaçydan dolýar. Edil ýokarda ady agzalan 3 spektakl ýaly uzak wagtlyk bolmasa-da, her ýyl 30-a golaý oýun we mýuzikal sahna goýulýar. Olaryň käbirleri-de ençeme ýyldan bäri görkezilip gelinýär. London ýylda 20 milliondan gowrak syýahatçyny kabul edýän şäher bolup, ol bu babatda yklymyň öňdebaryjylarynyň hatarynda görkezilýär. Ýörite syýahatçylyk turlarynyň köpüsiniň maksatnamasynda bolsa teatrlar sanawyň başyny çekýär. «Gara geýnüwli zenan» (The Woman in Black), «Mamma Mia!» (Mamma Mia!), «Şa Ýolbars» (The Lion King) ýaly spektakllar hem öňdäki orunlary eýeleýän beýleki oýunlardyr.

**Ykdysady goşandy az däl**

● Bu ýagdaý bolsa Londony dünýäniň teatr merkezine öwürýär. Londondaky teatrlara ýylda 15–20 million teatr muşdagynyň barýandygy bellenilýär. Bu bolsa ykdysady babatda-da uly girdeji diýmekdir. Mysal üçin, 2019-njy ýylda (pandemiýadan öň hiç hili çäklendirmeleriň bolmadyk döwri) jemi 18,3 müň sahna çykyşy (spektakl, mýuzikal, opera, tans we beýlekiler) hasaba alyndy. 15,3 milliondan gowrak adam petek satyn alyp, şol sahna çykyşlaryna tomaşa etdiler. Bu bolsa 2018-nji ýyla garanyňda, 1,4 göterim pes hem bolsa, «Broadway»-den 1 million tomaşaçy köp diýmekdir. Ortaça her petegiň bahasy 2019-njy ýylda 52 funt sterlinge deň bolup, umumy kassa ýygymy şol ýyl 799 million funt sterlinge ýetdi. Bu girdejiniň 133 million funt sterlingden gowragy-da salgyt hökmünde ýurduň gaznasyna girizildi. Başgaça aýdylanda, Londondaky teatrlaryň ýurduň ykdysadyýetine goşandy az däl.

# 95-nji Oskar baýraklary barada gyzykly maglumatlar

**Kino sungatynyň iň uly baýragy bolan Oskar baýraklarynyň 95-nji gowşurylyş dabarasy golaýlap gelýär. 24-nji ýanwarda mälim edilen dalaşgärleriň arasyndaky özboluşly rekordlar, statistikalar bolup, şolary siziň dykgatyňyza ýetirýäris. 95-nji Oskar dabarasy 12-nji martda Los Anjelesde geçiriler.**



**95-nji OSKAR BAÝRAKLARYNYŇ STATISTIKALARY**

◆ Artistçilik ugurlary boýunça aziýalylar rekord goýup, jemi 4 aziýaly artist dalaşgärlige hödürlendi. Olaryň 3-si (Mişell Ýeo, Jonatan Ke Kuan, Stefani Hsu) iň köp ugur boýunça dalaşgär görkezilen «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filminiň, beýlekisi-de (Hong Çau) «Kit» filminiň artistidir. Mişell Ýeo Oskara dalaşgär görkezilen ilkinji malaýziýaly artist boldy.

◆ Meşhur režissýor Stiwen Spilberg («Fabelmanlar») 9-njy gezek iň gowy režissýor ugry boýunça dalaşgär görkezilip, bu babatda 2-nji ýerdäki Martin Skorseze bilen deňleşdi. Bu ugurda 1-nji orny 12 dalaşgärlik bilen William Waýler eýeleýär.

◆ Artistçilik ugurlary boýunça dalaşgär görkezilen 20 artistiň arasynda diňe 1-i meşhur aktrisa Keýt Blanşett Oskar baýragyny gazanyp, Mişell Williams, Anjela Bassett, Judd Hörş üçüsi-de dalaşgär görkezildi. Galan 16 artist ilkinji gezek Oskara dalaşgärlige hödürlenýär. Oskaryň taryhynda şeýle waka ilkinji gezek gabat gelýär. Iň gowy aktýor ugry boýunça dalaşgär bolanlar ilkinji gezek Oskara ymtylýar we 7-nji Oskar baýraklaryndan bäri şeýle ýagdaýa ilkinji sapar duş gelinýär. 20 artistiň 11-si amerikaly däl bolup, bu bir Oskar dabarasy üçin iň ýokary görkezijidir.

◆ «Fabelmanlar» kinosynyň sazlaryny düzen meşhur kompozitor Jon Williams 53-nji gezek Oskara dalaşgär görkezildi. 5 Oskaryň eýesi bolan Williams bu ugurda Walt Disneýden (59 dalaşgärlik) soň 2-nji ýerde barýar. 90 ýaşyndaky sungat ussady Oskara dalaşgär görkezilen iň ýaşuly şahsyýet boldy.

◆ Iň gowy ses ugry boýunça 95-nji Oskar baýraklarynda «Betmen» hem-de «Elwis» kinolary bilen dalaşgär görkezilen britaniýaly Endi Nelsonyň jemi 24 dalaşgärligi bar. Bu ugur boýunça rekord goýan Nelsonyň 2 Oskary bar.

◆ Ilkinji gezek 19 ýyl öň Oskara dalaşgär görkezilen Anjela Bassett («Gara Pantera: Wakanda hemişelik») ikinji plandaky iň gowy aktrisa ugry boýunça dalaşgärlige hödürlendi. Ol «Marvel» studiýasynyň kinolary bilen dalaşgär görkezilen ilkinji artist hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, ol Wupi Goldberg, Wiola Dewis hem-de Oktawiýa Spenserden soň 2 gezek Oskara dalaşgär görkezilen 4-nji garaýagyz aktrisa boldy.

◆ «Fabelmanlar» kinosyndaky keşbi üçin ikinji plandaky iň gowy aktýor ugry boýunça dalaşgär görkezilen Judi Jörş 42 ýyldan soň täzeden dalaşgär bolup, ol iki dalaşgärliginiň arasynda dört 10 ýyllyk geçen ilkinji artist boldy.

◆ «Elwis» filminiň operatory Mendi Wolker iň gowy operator ugry boýunça dalaşgär görkezilen 3-nji zenan boldy. Ondan öň Raçel Morrison (Mudbound) hem-de Ari Wenýer (Itiň güýji) dalaşgär görkezilipdi.

◆ 51 ýyldan soň ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa ugurlary boýunça (hersi aýratynlykda) bir kinodan 2 dalaşgärlik hasaba alyndy.

◆ Meksikaly režissýor Alfonso Kuaron iň gowy gysga metražly film ugry boýunça dalaşgär görkezilip, ol Kennet Branadan soň 7 dürli ugurdan Oskara dalaşgär bolan ikinji sungat ussady boldy.

◆ «Frontuň günbatar tarapynda täzelik ýok» filmi hem iň gowy film, hem-de iň gowy halkara film baýragyna dalaşgär görkezilen 5-nji ekran eseri diýlip bellige alyndy.

# «Titanik» filminden öňe geçdi

Dünýä belli režissýor Jeýms Kameronyň filmleri prokatda özara bäsleşmegini dowam edýär. Kanadaly režissýoryň soňky kinosy «Awatar: suwuň ýoly» (Avatar: The Way of Water) filmi girdeji babatda onuň öňki meşhur ekran eseri «Titanik» filminden öňe saýlandy. Girdejisi 2 milliard 215 million dollara golaýlap barýan film «Titanik» filminden öňe saýlanyp, 3-nji orna beýgeldi. Häzirki wagtda-da 25 ýyllyk ýubileýi mynasybetli käbir kinoteatrlarda görkezilýän «Titanik» filminiň şu wagta çenli gazanany 2 milliard 211 million dollardan köpdür.



«Awatar: suwuň ýoly» filminden ýokarda ýene-de 2 kino bolup, olaryň 1-njisi «Awatar» filminiň ilkinjisidir. Režissýoryň 2009-njy ýylda ekranlara çykan bu filminiň umumy girdejisi 2 milliard 922 million 917 müň 914 dollara deňdir. Sanawda 2-nji ýeri «Ar alyjylar: oýnuň soňy» (Avengers: Endgame) filmi eýeläp, 2019-njy ýylyň kinosy 2 milliard 797 million 501 müň 328 dollarlyk kassa ýygymyny toplady. Mahlasy, Jeýms Kameron häzirlikçe kino sungatynyň taryhynda iň köp girdeji gazanan 4 filmiň 3-siniň režissýorydyr.